**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**Mugallym S.A. Taňrygulyýewa**

# Daşary ýurtlaryň döwletiniň we hukugynyň taryhy dersinden okuw gollanamasy

# (I bölüm)

**Ylmy redaktor: dosent A.Jumaýew**

**Aşgabat 2010ý.**

**S.A. Taňrygulyýewa**

# Daşary ýurtlaryň döwletiniň we hukugynyň taryhy dersinden okuw gollanamasy

**(I bölüm)**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Ylmy redaktor hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent A. Jumaýew**

**Aşgabat 2010 ý.**

# Giriş

Daşary ýurtlaryň döwletiniň we hukugynyň taryhy dersiniň öwrenmekligiň nazary we amaly ähmiýeti uludyr. Bu ylym hereket edýän häzirki zaman döwlet, hukuk hakykatyna çuňňur düşünmek bilen çäklenmän, döwletiň we hukugyň geljekki ösüşini çak etmäge mümkinçilik berýär.

Daşary ýurtlaryň döwletiniň we hukugynyň taryhy dersini okatmaklygyň esasy maksady öňki asyrlaryň döwletiniň we hukugynyň taryhyny öwretmekligi üpjün etmekden, olaryň özboluşly aýratynlyklaryny, döwletiň we hukugyň döreýşinden häzirki günümize çenli döwletiň gurluşynyň görnüşiniň ýokary edaralarynyň guralyşyny, işiniň aýratynlyklaryny, gul eýeçilik, feodal we buržuaz döwletiniň we hukugynyň özboluşlyklaryny öwretmekligi maksat edinýär.

Daşary ýurtlaryň döwletiniň we hukugynyň taryhy dersi okadylanda talyplaryň döwlet we hukuk düşünjelerini has düýpli öwrenmeklerini gazanmaly, daşary ýurtlaryň döwlet gurmak baradaky pikirlerini, garaýyşlaryny, synanyşyklaryny giňişleýin öwretmeli, döwlet we hukuk meselesinde taryhy wakalara salgylanmak bilen talypary bu ugra giňişleýin taýýarlamaly,döwlet we hukuk baradaky nazaryýetleri taryhda bolup geçen wakalar bilen baglanyşdyrmagy öwretmeli talybyň döwlet, hukuk meselelerine taryhy wakalaryň üsti bilen giňişleýin göz ýetirmegi, özbaşdak pikirlenmegi, pikirini beýan etmegi öwrenmegine ýardam etmeli. Umuman, “Daşary ýurtlaryň döwletiniň we hukugynyň taryhy” dersini okatmaklyk

talyplaryň jemgyýetçilik-syýasy dünýägaraýyşlaryny giňeldip, öz bilimleriniň üstüni yzygiderli dolduryp durmaklaryny hem-de hukukçy kärini almaklarynda ylmy-taglymaty we tejribäni baglaşdyryp düýpli bilim bermekligi üpjün etmekden ybaratdyr.

## Daşary ýurtlaryň döwletiniň we hukugynyň taryhynyň predmeti we usuly

### § 1. Dersiň predmeti we onuň hukuk ylymlarynda tutýan orny

Döwletiň we hukugyň ählumumy taryhy uly göwrümli ýuridiki dersleriň biridir. Ol dünýäniň dürli halklarynda hukuk adatlarynyň we kanunlarynyň gadymy, orta asyrlarda we häzirki zamanda döreýiş, kämlleýiş we soňraky üýtgeýiş prosesinde öwrenýär we umumylaşdyrýar. Bu ders hukuk ylymlarynyň biri bolan döwletiň we hukugyň nazaryýeti bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. Sebäbi döwletiň we hukugyň nazaryýeti hem döwlet we hukuk ösüşiniň kanunlaýyklaryny öwrenýär. Bu ders uzak wagtlap “Hukugyň ähli umumy taryhy”, “Hukugyň taryhy” diýilip atlandrylýardy. Hukugyň taryhy şonuň bilen bir wagtda medeniýetiň we siwilizasiýanyň taryhy bilen hem baglydyr.Medeniýet we siwilizasiýa jemgyýetde häkimiýetiň, adatlaryň ýa-da agalyk ediji klasyň refomatorçylyk tagallalary bilen maddy we ruhy eşretleri döredýär we paýlaýar. Medeniýeti dünýä garaýyşlar we ugrukdyrmalar

(parahatçylyk, ylalaşyk, adalat) emele getirýän bolsa, Siwilizasiýany ýaşamak ýa-da sarp etmek serişdeleri (iýmit, eşik, jaý, ulag) emele getirýär. Döwlet we hukuk hemişelik komponentlerdir. Käbir jemgyýetde bolsa siwilizleşen medeniýetiň özboluşly ýadrosydyr.

Hukuk taryhy taýdan dürli, daşky çeşmelerde ýa-da düzgünleşdiriş çygyrlarynda ýüze çykýar. Hukuk çeşmeleri hukuk ähmiýetli kadalaryň we talaplaryň döremeginiň we berkidilmeginiň usulydyr. Olaryň arasynda döwlet häkimiýeti tarapyndan kabul edilen we goldalynýan, iň ýaýran we tehniki görnüşdäkileri adatlardyr we kanunlardyr. Rus alymy L.I. Petražiskiý özüniň "Ahlak bilen baglylykda hukugyň we döwletiň nazaryýeti" diýen işinde (1910ý) hukugyň 15 sany çeşmesiniň görnüşini hasaplapdyr. Olara kanun we adyl kazyýetlik baradaky nakyllary we atalar sözüni hem goşupdyr. Mundan başga-da hukuk baradaky bilimi, kazyýet tejiribesi barada hem ýuridik resminamalardan alyp bolýar. Orta asyrlarda adat hukugy bilen bir hatarda korolyň ýazuw resminamalary hem ýüze çykypdyr. Bularda döwlet we şahsy durmuşyň aýry-aýry taraplaryny düzgünleşdirýän ýagny salgytlar, goşun saklamak, tagty eýelemegiň soraglary baradaky ýörelgeler we talaplar bolupdyr. Häzirki zaman taryhy eýýamda jemgyýetçilik we döwlet gurlyşynyň wajyp ýörelgelerini jemleýän aktlar aýratyn ähmiýete eýe bolupdyr. Mysal üçin: 1215-nji ýylda Erkinlikleriň Beýik Hartiýasy, täze döwürde bular ýaly resminamalar bolup, 1787-nji ýylda ABŞ-nyň konstitusiýasy, 1791-nji

ýylda Fransuz korollygynyň beýik konstitusiýasy çykyş edipdir.

Daşary ýurtlaryň döwletiniň we hukugynyň taryhy dersiniň öwrenmekligiň nazary we amaly ähmiýeti uludyr. Bu ylym hereket edýän häzirki zaman döwlet, hukuk hakykatyna çuňňur düşünmek bilen çäklenmän, döwletiň we hukugyň geljekki ösüşini çak etmäge mümkinçilik berýär.

## § 2. Dersiň usuly

Döwletiň we hukugyň taryhyna ylmy taýdan aň ýetirmeklik diýlende, taryhy geçmişiň wakalaryny beýan etmeklige düşündirilmeýär. Ylmy taýdan aň ýetirmeklik bolanda, wakalara konseptual we nazary akyl ýetirmeklik bolýar. Bu bolsa, derňemekligiň pelsepe we ýörite ylmy usullaryny öwrenmekligi talap edýär. Taryhy hukuk ylmy tarapyndan dürli usullary we serişdeleri işläp düzdi. Ol usullar dersi okatmaklykda hem ulanylýar. Häzirki zaman dünýä ylmy birnäçe pelsepe usullaryny özünde jemleýär.Daşary ýurtlaryň taryhyny hukuk edebiýatlarynda döwletiň we hukugyň emele gelşiniň we ewolýusiýasynyň birnäçe taglymatlaryny öwrenip bolýar. Dsaşary ýurtlaryň döwletiniň we hukugynyň taryhynda öwrenilýän obýekti aýratynlygyna laýyklykda birnäçe usullar ýagny, anyk taryhy, deňeşdirme hukuk ulgamlaýyn usullary ulanyp öwrenmek bolýar. Anyk taryhy usullyň üsti bilen döwlet, hukuk hadysalary anyk, belli sosial gurşawda

emele gelen we ösýän döwletleri, hukuklary ýüze çykarýar.

Deňeşdirme hukuk usulynyň kömegi bilen şol hadysalary şol bir wagtda ýöne dürli ýurtlarda ösüşiniň kanunlaýyklaryny öwrenýär.

Döwletiň we hukugyň çylşyrymly sosial birikme bolanlygy sebäpli ulgamlaýyn analiz bermeklige aýratyn ähmiýet berilýär. Onuň kömegi bilen döwlet, hukuk hadysalarynyň biri-birine baglanşykly alamatlaryny onuň düzüminden aýratynlykda alynyp öwrenilýär. Ylmy edebiýatlarda adamzat jemgyýetiniň taryhy şular ýaly bölünýär: gadymy dünýä, orta asyrlar, täze we has täze döwür(XX asyr), bu asyrlaryň her biri döwletiň we hukugyň ösüşinde taryhy basganjak bolup hyzmat edýär.

**Edebiýat:**


1. Gurbanguly Berdimuhamedow „ Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr“. Aşgabat, 2007 .

2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007.

3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat,2007 .

5. Parahatçylyk, döredijilik, progres syýasatynyň dabaralanmagy, Aşgabat,2007.

6. „Всеобщая история : В 3 т. Т.1“. СПб.1992

7. Графский В.Г. „Всеобщая история права и государства “ (учебник). М.2002

8. История государства и права зарубежных стран ( учебник, в двух частях ).М.2001

9. Сорокин П.А. „ Человек. Цивилизация. Общество“.М.1992

10. Черниловский З.М. „Всеобщая история государства и права“.М.2002

# Gadymy Gündogar ýurtlarynyň döwleti we hukugy. Gadymy Müsür

## § 1. Gadymy Gündogar ýurtlarynda döwletiň we hukugyň ösüşiniň aýratynlyklary

Gadymy Gündogar ýurtlarynyň taryhy adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň aýratynlyklaryny tassyklamak bilen birnäçe aýratyn tapawutlary görkezýär. Gadymy Gündogar ýurtlarynyň esasy aýratynlyklarynyň kesgitleýjileriň biri hem natural hojalyk önümçilikli oba obşinalarynyň haryt pul gatnaşyklarynyň pes derejede bolmagydyr. Gündogarda jemgyýetiň syýasy gurlşynyň hem tapawutlandyryjy alamatlary bolupdyr. Mysal üçin: Hytaýda imperatory "asmanyň ogly" diýip hasaplapdyrlar. Onuň ýokary kanun çykaryjy häkimiýet ygtyýarlyklary örän uly bolupdyr. Gadymy Gündogar jemgyýetinde döwlet bilen bir hatarda hukuk hem ýüze çykypdyr. Gadymy Gündogarda gula zat hökminde garapdyrlar. Gadymy Gündogaryň hukugy din we dini ahlak bilen bagly bolupdyr. Hukuk bozulma bir wagtda diniň we ahlagyň kadalarynyň bozulmagy hasaplanypdyr. Gündogarda nika we maşgala, emläk hukuklarynyň kadalarynyň ählisinde däp bolan häsiýeti görmek bolýar. Meselem: Patriarhal maşgalada aýallaryň we çagalaryň ýagdaýynyň peseldilmegi, kemsidilmegi, aýallaryň erkekler bilen miras hukugynda deňsizligi we beýlekiler.

**Siwilizasiýalar :**

1. Ilkinji gadymy siwilizasiýa Mesopatamiýa b.e.öň 6000-3000 ýyllary öz içine almak bilen, häzirki wagtda şu siwilizasiýanyň döwürleri aşaky tertipde beýan edilýär:

Şummer-Akkad
Assir-Wawilon
Hettler

Wawilonyň patyşasy Hammurapi aradan çykandan soň, Wawilon döwleti özara uruşlary we güýçli goňşy döwletleriň eline düşýär. Ilki ony Hettler boýun egdiripdirler. Soňra bu ýere Kassitler çozupdyr. B.e.öň XI-IX asyrlarda bu ýerde täze Assir-wawilon döwleti emele gelipdir. Assir döwleti ýykylandan soň Wawilon belli wagta çenli syýasy özbaşdaklyga eýe bolupdyr (b.e.öň VII asyr ahyrlary ) we täze Wawilon patyşalygynyň dörän ýeri bolupdyr. Injiliň çeşmelerine görä Hawuhodonosor hökümdar bolupdyr.

Täze Wawilon patyşalygynyň territoriýasy ilki bilen parslar tarapyndan, soňra grekler tarapyndan basylyp alnypdyr we Aleksandyr Makedonskiniň döwletiniň hataryna giripdir.

2. Müsür siwilizasiýasy- b.e.öň 5500-3000-nji ýyllar. Ol hem Mesopatamiýa siwilizasiýasy ýaly grekler tarapyndan ýykylypdyr.
3. Ind-hrap siwilizasiýasy – b.e.öň 3500-1500 –nji ýyllar aralygynda bolup, Aliler tarapyndan weýran edilipdir.
4. Hytaýda hem 2 siwilizasiýany görmek bolýar.

1) Sin – b.e.öň 2400-nji ýyllar.

2) Hytaý siwilizasiýasy - b.e.öň 400-2000-nji ýyllar. Bu siwilizasiýa ýaponlaryň, ýewropalylaryň agalygyna düşüpdir.

B.e.öňki 1 –nji müňýyllyk (VIII we II asyrlaryň arasy) dünýä dinleriniň ýüze çykmagy we ýaýramagy bilen baglydyr. Şeýle dinleriň esaslandyryjylary bolup, Palestinada – Musa, b.e.öň VII asyr Persiýada Zaroastr, b.e VIIasyrda Hindistanda Budda, b.e VIII asyrda Hytaýda Konfusiý bolupdyrlar. Şu we şuňa ýakyn döwürde meşhur akyldarlaryň we kanun çykarjy reformator patyşalaryň işi hem gabat gelýär, ýagny Gadymy Israýylda Dawut we Süleýman bolupdyr (X asyr).

## § 2. Gadymy Müsür ( döwlet gurluşy, ýerli öz-özüňi dolandyryş)

**Gadymy Müsür** - „ Müsür“ sözüniň manysy „gara ýer“ diýmekligi aňladypdyr. Her ýylyň tomsunda suw joşup, noýabr aýlarynda suw çekilipdir.Ýer läbik bolup galypdyr. Faraon- “fer”-“o” sözlerinden gelip çykypdyr. Faraon ýokary öý hasaplanypdyr. Gün hudaýynyň ogly diýilip atlandyrylypdyr.

### Gadymy Müsüriň taryhy şu aşakdaky döwürleri öz içine alýar:

1) **Irki patyşalyk-** b.e.öň 3200-2778 ýyllar. Şu patyşalyk döwründe Müsür iki bölekden 1- ýokarky, 2- aşaky Müsürden ybarat bolupdyr. Ýokarky Müsüriň şäheri -

Fiwa, aşaky Müsüriň şäheri – Memfis, Sais bolupdyr. Ýokarky Müsüriň patyşasy Menes Müsüriň iki bölegini birleşdiripdir. (ol özüni Assilis hudaýynyň ogly Gor hudaýy hasaplapdyr.

2) **Gadymy patyşalyk döwri –** b.e.öň 2778- 2260 ýyllar. Şu döwürde administratiw, kazyýet, harby we maliýa dolandyryşly merkezleşdirilen döwlet döräpdir.(Şol ýerde wezir Çatti bolupdyr. Ol kazyýete, ýerli dolandyryşa ýolbaşçylyk edipdir.

2 bilen 3-nji döwürleriň aralygynda b.e.öň -2260- 2040 ýyllar sosial we syýasy häsiýetli tolgunşyklar köp bolupdyr. Oňa geçiş döwri diýilýär.

3) **Orta patyşalyk** – b.e.öň 2040-1786 ýyllar. Bu döwür ösüş döwri bolup, oňa pramidalaryň gurluşugy döwri hem diýilip aýdylýar. Gul eýeçiligi we hususy hojalyk ösüpdir. Iri ilatly ýerler döräpdir.Olar şäher döwletlere öwrülipdir we olara grekler nomalar diýipdirler. Nomalaryň arasyndaky bäsdeşlik ýokary we aşaky Müsüriň gowşamagyna getiripdir we Giksos taýpalarynyň eline düşüpdir.

B.e.öň 1770- 1580 nji ýyllarda 2-nji geçiş döwri bolupdyr.

4)**Täze patyşalyk döwri** – b.e.öň 1580-1085 nji ýyllar. Bu döwürde žreçleriň ösen döwri bolupdyr. Wezirler ýurdyň ähli ýer fonduna suw üpjünçiligine ýolbaşçylyk edipdirler.Şeýle hem olar ýokary kazyýet gözegçiligini amala aşyrypdyrlar. Şu döwürde Faraon Tut Mos III Müsür döwletini Niliň kenaryndan tä Ortaýer deňzine we gündogarda demirgazyk Siriýa çenli uzaldypdyr.

5) **Giçki patyşalyk döwri** b.e.öň 1085-332 –nji ýyllar.Gadymy siwilizasiýa üçin bu döwür iň soňky we aýgytlaýjy waka bolupdyr. Müsüri Aleksandr Makedonskiý basyp alypdyr.

Müsür jemgyýetiniň syýasy gurluşy üçin mahsus alamatlar: 1-njiden, syýasy häkimiýet merkezleşdirilen bolupdyr; 2-njiden, dürli jemgyýetçilik toparlarynyň hukugy we emlägi merkezi häkimiýet tarapyndan kesgitlenipdir; 3-njiden, emläk ýörelgesi häkimiýet tarapyndan gowşak kepillendirilipdir; 4-njiden, jemgyýetde we döwletde Faraon häkimiýeti agalyk edipdir. Müsüriň sosial gurluşy barada aýdylanda çinownikler, garawullar, ýer bejerýänler we gullar bolupdyr. Iň ýokarda bolsa Welmožalaryň gatlagy bolupdyr. Şeýle hem žresleriň başynda Faraon durupdyr.

**Döwlet gurluşy** – Gadymy Müsüriň ähli döwürlerinde döwlet merkezleşdirilen häsiýetde bolupdyr. Faraona hudaýa tagzym edilişi ýaly tagzym edipdirler.B.e.öň V asyryň ortalarynda Gerodotyň belleýşine görä 4-nji dinastiýanyň patyşasy Heopsiň piramidasynyň gurulmagy üçin 40 ýyl gerek bolupdyr.

**Ýerli öz-özüňi dolandyryş**. Gadymy patyşalyk döwründe birnäçe oba obşinasynyň birleşmeginde emele gelen oba obşina maslahaty bolupdyr. Obşina maslahaty gurply daýhanlardan ybarat bolup, olar ýerlerde hojalyk, administratiw häkimiýeti amala aşyrypdyrlar.

Gadymy patyşalykda durnukly goşun bolmandyr. Diňe gerek wagty goşun düzülipdir.Goşunyň düzümi atlylardan, pyýadalardan, kolesnisalardan ybarat bolupdyr.

**Edebiýat:**


1. Лурье И.М. Очерки древнеегипетского права. М., 1960.
2. Графский В.Г. „Всеобщая история права и государства “ (учебник). М.2002
3. „История государства и права зарубежных стран“ (учебник, в двух частях ).М.2001
4. Черниловский З.М. „Всеобщая история государства и права“.М.2002

## Gadymy Mesopotamiýa döwleti

### § 1. Ilatyň aýratyn toparlarynyň hukuk derejesi. Döwlet gurluşy

Mesopotamiýanyň taryhy ýeri bejermeklik we dolandyrmaklyk medeniýetiniň irki we ösen derejesi bilen bellidir. B.e.öň IV müňýyllygyň ahyrlarynda bu ýere Şumerler gelipdirler. Şumer döwri bir ýarym müň ýyla çenli wagty öz içine alýar. Şu döwürlerde Mesopotamiýa döwlet tipli şäherler – Ura, Lagaş ýüze çykypdyr. B.e.öňki 2350-2150-nji ýyllarda patyşa Sarbon 1-nji tarapyndan Akkad we Şumer birleşdirilýär. B.e.öňki 2150-2000-nji ýyllarda Neoşumer döwri başlanýar. Bu döwürde Ur-Nammun hökümdar bolupdyr we 18 ýyllap döwleti dolandyrypdyr. Soňra onuň ogly Şulga 48 ýyllap döwleti dolandyryp, birnäçe kanunlaryň toplumyny döredipdir. Wawilon- Mesopotamiýanyň esasy şäheri – 2 müňýyllykda syýasy, ruhy, medeni taýdan has gülläp ösüpdir, esasanam, patyşa Hamurapiniň döwründe gülläp ösüpdir.

Wawilonyň **sosial gurluşy** aýratyn çylşyrymlylygy bilen tapawutlanypdyr. Wawilonda 2 sany aýratyn sosial topar bolupdyr. Ýokary dereje saklaýanlara Awilum (adam, adam ogly), şeýle hem pes basgançakda durýanlara Muşkenumlar (maňlaýyny ýere urýanlar) diýlipdir. Bu toparlaryň arasyndaky tapawut olaryň jany, saglygy, at-abraýy goramakda we olaryň maşgala agzalarynyň hukuk kadalarynda has hem ýiti ýüze çykypdyr. Ýokary patyşa gullukçylary awilumlara degişli bolup, olaryň hukuklary

hem artyk bolupdyr. Täze Wawilon patyşalygy döwründe gullara kär öwredilip başlanypdyr we olar dürli kärler boýunça birleşmelere birigipdirler. Şeýle-de bolsa olar köşk gözegçiliginiň garamagynda zähmet çekipdirler.

**Döwlet gurluşy** – Mesopotamiýada döwlet guramasynyň irki formasy bolup, şäher- döwletleri ýüze çykypdyr. Ilkinji Mesopotam şäher döwletleriniň başynda şa, Hökümdar bolupdyr. Olara „Ensi“ (tire ýolbaşçysy) ýa-da „Lugal“ (uly adam, hojaýyn ) diýipdirler. Şäherlerde obşina ýygnaklary we ýaşulylar maslahatyny çagyrypdyrlar. Lugallaryň ensiden tapawutlyda uly harby ygtyýarlyklary bolupdyr. Obşina ýygnaklaryna kanunçylyk, maliýe, kazyýet, jemgyýetçilik tertibini saklamak funksiýalary degişli bolupdyr. Hammurapiniň döwründe ýurt birnäçe oblastlara bölünipdir we olara Şakkanakkum ýolbaşçylyk edipdir. Olar salgytlar ýygymyna, tertibi saklamaklyga gözegçilik edipdirler. Wawilonda hemişelik goşun bolupdyr.

B.e.öň 3300 ýylda hat – ýazuw ýüze çykypdyr. Diplomatik söwda gatnaşyklary ösdürmekde uly ähmiýeti bolupdyr. Hat ýazýanlara mürzelere uly hormat goýupdyrlar.

## § 2. Gadymy Mesopotamiýanyň hukugy

**Mesopotamiýanyň hukugy**. Wawilon patyşasy Hammurapi özüniň patyşalyk eden döwründe ussat harby naçalnigi, diplomaty hökmünde tanalypdyr. Belli Fransuz taryhçysy Ž. Elýul Hammurapini kanun çykaryjy sungatynyň geniýsi diýip atlandyrypdyr. Hammurapiniň

kanunlary 1901-nji ýylda Fransuz arheologlary tarapyndan Suza şäheriniň raýonynda tapylypdyr. Bu Wawilonyň gadymy hukuk ýadygärligi prologdan (söz başy), kanunyň tekstinden we epilogdan (söz soňy) ybarat bolupdyr. Ol 282 paragrfdan durýar. Şeýle-de bolsa, olaryň 37-si bozulypdyr. Hammurapiniň kanunlary öz içine hukugyň dürli ugurlaryna degişli kadalary alýar. Prologdan soň ýerleşdirilen ilkinji maddalar kazyýete dil ýetirmek bilen baglanşykly jenaýatlar üçin berilýän jezalar baradadyr (1-5 maddalar). Soňra köşk, hususy eýeçiligi ogurlamak we olary goramak hakyndaky maddalar (6-14 maddalar), talaňçylyk (21-23 maddalar), ýangyndaky ogurlyk hakyndaky (25- madda) düzgünler ýerleşdirilipdir. Ondan soňky maddalaryň topary patyşanyň harby gullukda durýan emläk hukuklaryny düzgünleşdirilipdir. Jemgyýetçilik rahatlygyna we ylalaşygyna zyýan ýetirmeklige jeza talap edýän maddalar (26-37 maddalar) aýratyn topary düzýärler. Olar 102,103,108,114,117,120,127-ä çenli alypdyr. Kanunyň soňky bölümi maşgala hukugy hakyndadyr. Nika, maşgala gatnaşyklarynda şahsy we emläkleýin hukuklar hakynda 128-163 maddalary, mirasy almaklyk hakynda 165-182 maddalar, maşgalada çagalaryň, ene-atanyň arasyndaky hukuk häsiýetli şahsy gatnaşyklar hakynda 185-195 maddalar. Maddalaryň iň soňky topary gozgalýan emlägi ulanmak baradaky söwda operasiýalaryny amala aşyrmak baradaky jogapkärçilik hakyndaky (215-282 maddalar) kadalary öz içine alypdyr.

Kazyýet prosesi dilden we bäsdeşlik hökmünde geçirilipdir. Kazyýetler obşinalaýyn, Hramlaryňky we

patyşalaryňky bolupdyr. Hammurapiniň kanunlarynda jezalandyrmagyň 3 görnüşini görmek bolýar:

1. Awilumlar üçin bolup, gan ýerine gan almaly bolupdyr (oka – zaoka)
2. Simwoliki häsiýetde bolup, kakasyny uran oglanyň elini çapypdyrlar ýa-da tebip ters bejerse elini tirseginden aşagyny çapypdyrlar.
3. Aýna häsiýetli – gurluşykçynyň salan jaýynda hojaýynyň ogly ölse, gurluşykçynyň ogluny hem öldüripdirler.

**Edebiýat:**


1. Волков М.И. „Законы Вавилонского царя Хаммурапи“. М., 1914.
2. Саблов Д.Ж. Древние цивилизации. Ближний Восток и Мезоамерика. М., 1992.
3. Черниловский З.М. „Всеобщая история государства и права“.М.2002

## Gadymy Hindistan

## § 1. Ilatyň sosial bölünişigi. Döwlet gurluşy. Goşun

Dünýäde iň gadymy we özboluşly siwilizasiýalaryň biri bolan, ösen medeniýetli 4-müň ýyldan gowrak mundan ozal emele gelen, merkezleri Harappada we Mahenžo-Daroda ýerleşen gadymy Hindistanyň çuň taryhy bardyr. Gadymy Hindistanyň taryhynyň döwürleri barada doly maglumatlar ýokdur. Diňe b.e.öňki 2- müň ýyllygyň II-ýarymy we b.e I- müň ýyllygyň ortalarynda Gang jülgesinde synpy jemgyýet döräpdir we ösüşe eýe bolupdyr. Magatha-Mauri döwründe b.e.öň I- ýarym ýyllygyň II- ýarymy, b.e.öňki I asyra çenli gadymy Hindistanda iň iri döwlet emele gelmesi Maurlaryň imperiýasynyň emele gelen we hereket eden döwridir. Edebi ýadygärlikleriň arasynda bu döwürde aýratyn orny gadymy Hindi syýasy traktaty Arthaşastra (onuň awtory Mauri imperiýasyny esaslandyryjy Çandraguptanyň geňeşçisi Kautiliýe ýazypdyr), şeýle hem dini däp-dessurlary we hukuk kadalary – Dharmasutralar we Dharmaşastralar eýeläpdirler. Dharmaşastralaryň arasynda b.e.öňki II asyry we b.e II asyrynda has meşhur bolany **Manunyň kanunlarydyr.**

Gadymy Hindistanda **sosial synpy** tapawutlyklar şu aşaky gatlaklardan (warnalardan) ybarat bolupdyr:

1. **Brahmanlar (dini işgärler, žresler)**
2. **Kşatriler (harbylar, hökümdarlar)**
3. **Waýşiler (ýer bejerýänler, senetçiler)**
4. **Şudralar (gullar)**

Maurileriň döwründe kşatrileriň hatarynda gös-göni patyşanyň tiresine degişlileri goşupdyrlar. Olaryň elinde harby syýasy we ykdysady häkimiýet bolupdyr. Gullaryň hukuk ukyby bolmandyr. Manunyň kanunynda “şudralar baýlyk ýygnamaly däldir “ diýilip berkidilipdir.

**Döwlet gurluşy**. B.e.öň VI-IV asyrlarda Hindistanyň territoriýasynda ilkinji iri döwletler ýüze çykýar. B.e.öňki IV asyrda bularyň arasynda agalyk üçin başlanan göreş şäher döwlet Magathanyň ýeňşi bilen tamamlanýar. Magathada dolandyrylýan dinastiýanyň täze pozisiýasynyň berkidilmegi Maurileriň uly imperiýasynyň döredilmegine getirdi. Maurileriň imperiýasy b.e.öňki III-asyrda iň ýokary ösüşe ýetýär. Imperiýanyň başynda Aşoka durupdyr.

Arthaşastra laýyklykda patyşa çinownikleri merkezi we ýerli dolandyryş toparlaryna bölünipdirler. Aýratyn orny patyşanyň geňeşçileri- ýokary sanownikler eýeläpdirler. Olara başgaça mantrinler ýa-da mahamatrlar diýipdirler. Bularyň arasynda çinownikleriň aýratyn toparyny hem tapawutlandyryp bolar. Olar goşun üpjünçiligi baradaky meselä seredipdirler. Özleriniň işlerine laýyklykda baş salgyt ýygnaýja ýa-da baş serkerdebaşa (senapati) tabyn bolupdyrlar. Beýleki ýokary wezipeleriň arasynda aýratyn orny baş kazy, patyşanyň hukuk geňeşçisi, patyşanyň din geňeşçisi, onuň ogullarynyň terbiýeçisi, baş köşk žresi eýeläpdir. Maurileriň imperiýasynda dolandyryş bölünişi we şonuň bilen bagly dolandyryş ulgamy çylşyrymly bolupdyr. Imperiýanyň diňe bölegi gös-göni patyşanyň we onuň köşgüniň dolandyryşynda bolupdyr. Olaryň arasynda iri administratiw birlik prowinsiýa hasaplanypdyr. Prowinsiýa hökümdarlarynyň wezipelerine we funksiýasyna

onuň territoriýasyny goramak, tertip-düzgüni saklamak , salgytlary ýygnamak, gurluşyk işini üpjün etmek degişli bolupdyr. Ondan kiçeňräk administratiw birlige Okrug diýilipdir. Oňa okrug naçalnigi ýolbaşçylyk edipdir.

**Goşun.** Gadymy Hindistan döwletinde goşun uly rol oýnapdyr.Beýleki halklary talamak we uruşlar döwleti gülletmegiň wajyp çeşmesi hökminde hasaplanypdyr. Goşunyň düzümine hakyna tutmalar, miraslaýyn urşujylar we beýlekiler giripdir. Diňe kşatriler ýarag göterip bilipdirler. Beýlekiler bolsa "bela gelen wagty" ýarag alypdyrlar. Goşun jemgyýetçilik tertibini hem goramak funksiýasyny ýerine ýetiripdir.

## § 2. Gadymy Hindistanyň hukugy

### Manunyň kanunlary.

Gadymy hindi hukugynyň özboluşly aýratynlyklary onuň çeşmelerinde, dharmaşastralarda beýan edilipdir. Dharmaşastralaryň arasynda Manunyň Kanunlary esasy orny eýeleýär. **Manunyň kanunlary 12 bapdan ybarat bolup, olarda goşgy-şloklaryň 2685-si saklanýar.** Manunyň kanunlarynyň gurluşy: **I-bapda** dünýäniň döreýşi we ýaradan - Taňry baradaky 4 sany esasy warnalaryň gelip çykyşy baradaky maglumatlar berilýär. **II-bapda** adatlaryň, däp-dessurlaryň şeýle hem dharmaşastralaryň keramatly parasaty barada beýan edilýär. **III- bapda** maşgala durmuşyna şeýle hem dogry nika (anuloma) we nä dogry nika (partiloma ) degişli kadalary we talaplary öz içine alýar. **IV-V –VI** baplarda gündeki gigiýena düzgünleri, gün tertibi, gadagan etmişleriň sanawy baradaky maglumatlar hakyndadyr.**VII-**

**bapda** patyşanyň dharmasy baradaky, şeýle hem adyl kazyýetlikde jezalaryň ähmiýeti, administratiw, salgyt we harby işler boýunça maslahatlara garalýar. **VIII- bap** kazyýete ýüz tutmaklygyň 18 sebäbine seredýär. **IX –bap** är-aýalyň maşgala durmuşynda şahsy we emläkleýin hukuklar we borçlar hakynda, miras almak hakynda beýan edilýär. **X –bap** 3 sany esasy warnalar üçin (brahmanlar, kşatriler,waýşiler ) umumy kadalary, eýeçiligi edinmegiň 7 kanunlar usullaryny öz içine alýar. **XI-bap** eldegirmesizleriň kastasyna degişli soraglary öz içine alýar. Bu kasta deň däl warnalaryň arasyndaky nikanyň netijesinde ýüze çykypdyr. **XII- bapda** dini däp-dessurlar barada we olara gatnaşyjylar baradaky düzgüni öz içine alýar.

Manunyň kanunlarynda şertnamalaryň gadymy görnüşi karz almak şertnamasy barada giňişleýin ýazylandyr.Şeýle hem emlägi edinmegiň 7 kanuny usuly berkidilendir. Kazyýet seljrişi üçin 18 sany sebäbiň 2 toparyny jenaýatlar düzýärler: 1-njisi töhmet atmak, kemsitmek, ogurlyk, zorluk we beýlekiler. Kazyýet seljerişiniň sebäpleriniň 2-njisi şertnamalaýyn gatnaşyklarynyň bozulmagy düzýändir. Jezalaryň ulgamynda simwoliki talion ýörelgesi ýöredilipdir. Kazyýet prosei bäsdeşlik hökmünde alnyp barylypdyr.

**Edebiýat:**


1. Графский В.Г. „Всеобщая история права и государства “ (учебник). М.2002
2. Законы Ману. М., 1960.
3. Самозванцев А.М. Правовой текст дхармашастры. М., 1991.

# Gadymy Hytaý

## § 1. Gadymy Hytaý siwilizasiýalary we olaryň taryhy ähmiýeti

Gadymy Hytaýyň sosial taryhynyň hronologik çäkleri iki iri döwri Sin we Hytaý siwilizasiýalaryny öz içine alýar. Sin ýa-da gadymy gadymy Hytaý uzak G.d siwilizasiýasy b.e.öň 2000, b.e.öň 400 ýyllary öz içine alýar. Gadymy Hytaý ýazary Sym Sýan ilkinji hökümdar hökmünde Huandini (sary patyşa) diýilip ilkinji hökümdar bolupdyr we oňa siwilizasiýanyň ähli gazananlaryny ýagny, hojalyk işi gurmaklygy, administratiw dolandyryşy, kompasyň oýlap tapylyşyny we ýazuwy degişli edipdir. Ady rowaýata öwrülen Ýuýu Sýa dinastiýasyny esaslandyryjy bolupdyr. Ol irigrasion desgalaryň kömegi bilen derýalary akdyrmagy başarypdyr diýilip hasaplanypdyr. Gadymy siwilizasiýanyň taryhy (Sin) ägirt Han imperiýasynyň döredilmegi bilen tamamlanypdyr. I-dinastiýanyň emele gelmek eýýamynda gadymy taryhçynyň baha berşi ýaly Hytaý “ýuwaş-ýuwaşdan gaýry territoriýalary edil ýüpek gurçugynyň ýapragy iýşi ýaly iýipdir”. Şu döwürde döredilýän döwletiň ýeriň merkezi hökmündäki garaýyşlar ýüze çykypdyr. Çžou dinastiýasynda ol Çžungo (orta döwlet) döwletiň ýaşaýjylary bolsa, özlerini orta döwletiň adamlary diýip atlandyrypdyrlar. Soňra bu atlandyrma Han adamlary diýmeklige öwrülipdir.

Hytaý siwilizasiýasy (400-2000 ý). Ol harby çozuşlar uzak wagtlap mongollaryň, mançužurlaryň,

ýewropallaryň, ýaponlaryň gol astynda bolupdyr. Içerki Hytaý 3 sany iri derýa bilen suwarylypdyr.(Ýansiziý,Syszýan,Huanhe)

Şäher tipli siwilizasiýalaryň Ilkinji ojaklary Huanhe derýasynyň jülgesinde emele gelipdir. Ol ýerlerde Ink taýpalary ýaşapdyr.Taýpalaryň serdaryna wanalar diýilip atlandyrylypdyr.

Hytaýyň gadymy resmileşdirilen syýasy taryhy diňe XVI- asyrdan başlanypdyr. Käbir taryhçylaryň pikirine görä Şan dinastiýasyndan başlanypdyr. Şan dinastiýasynyň ösen döwri goňşy taýpalaryň boýun egmegi bilen baglydyr. Ýeňen taýpanyň hökümdary Wan patyşa diýilip yglan edilipdir. Şu döwürde eýeçiligiň patyşa we obşinalaýyn formasy ýüze çykypdyr. 1027-nji ýylda Şan patyşalygy Çžou patyşalygynyň hökümdarlygynyň eline düşüpdir. Çžoular özleriniň dinastiýasyny döerdipdirler we özleriniň patyşalygyny asmanyň ogly, imperiýalaryny asmanyň aşagyndaky imperiýa diýip atlandyrypdyrlar.

Çžou dinastiýasy b.e.öň 1027-258 ýyllarda uzak wagtlap hököm sürüpdir. Şu döwürde ýerli dolandyryş gurluşy, ýeri bejermek, söwda, senetçilik, magaryf, idialogiýa ösüpdir. B.e.öň 258-nji ýylda Sin dinastiýasy dolandyryp başlaýar. Bu dinastiýanyň iň görnükli wekili In Çžen bolup, goňşy knýazlyklary birleşdiripdir we özünde Sin -Şi huandi diýip atlandyrypdyr.(Sin dinastiýasynyň I-hökümdary diýmek). Ol imperiýanyň serhetlerini beýleki taýpalardan goramak üçin uly gala gurluşygyna başlapdyr. Oňa beýik Hytaý diwary diýilýär. “Wanli Çan-Çin ” diýilip atlandyrylypdyr.

Şin-Hin Huandi özüniň häkimiýetini we ygtyýarlyklaryny örän artdyrypdyr we onuň imperiýasynyň territoryýasynda bitewi kanunçylygy we bitewi agyrlyk ölçeg birlikleri girizipdir. Ýöne onuň ölmünden soň, onuň mirasdarlary onuň häkimiýetini elden gidiripdirler we Han dinastiýasyna boýun egipdirler(b.e.öň 206- b.e 221 ýyllar). Hut Han imperatorlarynyň döwründe döwlet wezipesinde işlemek üçin synag ulgamyny girizipdir.B.e.öň I- asyrda Budizm hem gelipdir.B.e.öň 124-nji ýylda imperator uniwersiteti döredilipdir. Onda çinowik adminstratorlary taýýarlanypdyr. Imperator Y-diniň b.e.öň 140-87 –nji ýyllar Hindistan, Siriýa we Rim respublikalary bilen söwda gatnaşyklary giňeldilipdir.

## § 2. Hytaý kanunçylygynyň ösüşi

B.e.öň VI –asyrda Çžouly atly kanunlaryň ýygyndysy ýüze çykypdyr. Ol adat hukugynyň ýerine esasy düzgünleşdiriji bolupdyr.Mundan başga-da Gadymy Hytaý kodeksleriniň arasynda jenaýat kodeksi iň gadymy bolup, b.e.öň 10 asyrda işlenip taýýarlanypdyr we 3 müňe golaý maddany öz içine alypdyr. Eýýam şol döwürde jenaýatlaryň 500 görnüşi tapawutlanypdyr. Jezalandyrmalaryň hem şu aşakdaky ulgamy girizilipdir: tagma basmak, burny kesmek, aýagy çapmak, ölüm jezasy).

Kazyýet prosesi – beýleki halklaryňky ýaly bäsdeşlik hökmünde geçirilipdir.B.e.öňki VI-V asyrlarda Çžou Hytaý taryhynyň iň çylşyrymly döwründe döwründe bu ýerde Lao-szy, Kanfuçi, Men-szy ýaly akyldarlar ýaapdyrlar we döredipdirler. Konfuçi –(Kun-szy) birnäçe

patyşalyklaryň hökümdarlygynda dürli wezipelerde işläpdir. Kanfuçi şeýle diýipdir “ Özüňe islemeýän zadyňy beýleki adamlara etme.Şonda döwletde we maşgalada ýigrenjilik ýok bolar”.

Lao-szy Çžou köşgünde arhibaris bolup işläpdir, soňra ol uzak ülkelere gidipdir. Ol Daosizm akymyny esaslandyrypdyr.Dao – bu tebigatyň bir wagtyň özünde parasatly durmuşyň ýoludyr. Konfuçiniň ýoluny dowam etdirijileriň has meşhury Men-szydyr. Men-szy döwleti dolandyrmakda ýaramaz hökümdara garşy aýaga galmak hukugy ykrar edipdir. B.e.öň IV-III asyrda Hytaý Legizmeniň mekdebiniň ýola goýlan döwri bolupdyr. Legistler kanunçylar, latyn (lex) dolandyryş hemişelik hereket edýän kanunlara salgylanmalydyr. Tabynlykdakylar bolsa, olary hökmany ýerine ýetirmeli hasaplapdyrlar. Legistler mekdebini esaslandyryjy Şan-Ýan şeýle ýazypdyr “ Dünýäni dolandyrmakda birnäçe usul bardyr, hökümdaryň halky ylham berýän serişdeleriniň biri edaralar we wezipeleýin derejelerdir.Döwleti gülletmegiň usuly bolsa oba-hojalyk we uruşdyr”.

**Edebiýat:**


1. Античный мир и Восточные цивилизации. М,. 1999.
2. Васильев Л.С. История Востока: в 2 т. Т.1. М., 1993.
3. Графский В.Г. „Всеобщая история права и государства “ (учебник). М.2002

# Gadymy dünýäniň döwleti we hukugy. Gadymy Gresiýa

## § 1. Afina döwleti. Sparta döwleti

Egeý derýasynyň iň uly adasy Krit Gresiýany G.d-dan we G.o-dan gurşapdyr. Gresiýada Balkan ýarym adasynyň G.o bölegini tutýandyr. Makedoniýa imperiýasyna çenli Gresiýa bir bitewi bolman birnäçe şäher-döwletlere (polislere) bölünipdir.Gadymy dünýäniň has ösen döwletleriň biri diňe bir gadymy Gresiýanyň däl, eýsem adamzat siwilizasiýasynda hem wajyp roly oýnan dünýä medeniýetiniň,sungatynyň, ylmynyň ösmegine uly goşant goşan döwletleriň biri hem Afina döwletidir. B.e.öň 2 müň ýyllygyň ahyrynda Gresiýanyň Attika diýen oblastynda Afina döwleti döräpdir. Bu ýerde esasan 4 sany iri taýpa ýaşap, hersiniň hem özüniň halk ýygnagy, ýaşulylar maslahaty, saýlawly serdary – Bazilews bolupdyr. Afinada gul-eýeçilik döwletiniň emele gelmek uzak prosesi Teseýiň ady bilen baglanşyklydyr. Ol Attikany eýelän taýpalaryň bir Afina halkyna birikdirmegi üçin reformalary geçiripdir. Jemgyýetçilik deňsizliginiň ösmegi bilen ilat Ewpatridlere (asylzada), Geomorlara (ýer bejerýänlere), demiurglara (senetçilere) bölünipdir. Ewpatridler ýuwaş-ýuwaşdan bazilewsiň häkimiýetini çäklendiripdirler.Onuň funksiaýsy täze ewpatridleriň arasynda saýlanypdyr. Ewpatridlerden saýlanan şahslara Arhontlar diýilipdir. Arhont wezipesi ilki ömürlik bolupdyr. Soňra ony 10 ýyl möhlet bilen çäklendiripdirler. B.e.öň VIII asyrda jemagat

dolandyryşynyň täze organy areopag döredilipdir. Ýaşulular maslahatynyň ýerine döredilen areopag arhontlary saýlapdyr we gözegçilik edipdir, ýokary kazyýet häkimiýetini amala aşyrypdyr. B.e.öň VI asyra çenli Afinada örän çylşyrymly ýagdaý bolupdyr.Ýurtda birnäçe syýasy üýtgeşmeleri amala aşyrmagyň zerurlygy ýüze çykypdyr. Bu reformalaryň başyny Solon, ol b.e.öň 594-nji ýylda arhont saýlanypdyr . Ilki Solon karz reformasyny amala aşyrypdyr. Garyplaryň bergilerini ýatyrypdyr. Bergisi üçin gulçulyga düşen Afinalylary boşadylypdyr. Solon raýatlary emläk alamatlary boýunça 4-e bölüpdir:

1. Örän baýlar.
2. Birneme azyrak baýlar.
3. Has azyrak baýlar.
4. Garyplar.

Garyplaryň bähbitleri täze kazyýet organynda Gelieýada seredilipdir. Gelieýa gün diýmekligi aňladypdyr. Gün dogmaka sud başlapdyr we gün ýaşmaka gutarypdyr.

Ewpatridleriň bähbitleri bolsa täze döredilen dolandyryş 400-leriň kanagatlandyrmandyr.B.e.öň 509-njy ýylda Klesfeniň reformalary Afinada tire-taýpa gurluşynyň soňky galyndylaryny aýyrypdyr. Klesfen 400-leiň geňeşini ýatyrypdyr we onuň ýerine 500-leriň maslahatyny döredipdir. Muňa Bule diýilipdir.Bu geňeş Afinanyň syýasy durmuşyna ýolbaşçylyk edipdir we onuň kararlaryny amala aşyrypdyr. Klisfen ilaty 4- taýpa bölmegi ýatyrypdyr.Attika 10 territoriýal Fillere bölünipdir.Onuň hersi bolsa dürli ýerlerde ýerleşýän şäher, kenarýaka we ýer bejerilýän territoriýalary öz içine

alypdyr.Klisfeniň reformalary Afinada döwletiň emele gelmek uzak prosesi tamamlanypdyr.

**Sparta** . Gadymy Gresiýanyň taryhyna uly täsir eden beýleki polýuslaryň biri hem Spartadyr (b.e.öň VIII-VII asyr). Şu döwürde Spartanyň sosial we syýasy gurluşy retra (şertnama) bilen berkidilipdir. Ol meşhur kanun çykaryjy Likurga degişli bolupdyr. Spartada öz boluşly synpy jemgyýetçilik gurluşy emele gelipdir. Agalyk ediji synpa Spartiýadlar diýlipdir. Olar doly hukukly raýatlar bolupdyr. Spartalda ýörite Spartal mekdebi bolupdyr. Bu mekdep 7-i ýaşdan çagalary alyp harby taýýarlyk görüpdirler. 20-60 ýaş aralygynda gulyk edipdirler. 25 -26 ýaşda harby tälim alypdyrlar.spartanyň daglyk raýonlarynda ýaşaýyjylaryna Periekler bolupdyr.Olaryň şahsy azatlyklary bolupdyr. Şeýle hem emläkleýin hukuk ukyplygyna eýe bolupdyrlar. Ýöne syýasy hukuklary bolmandyr.

Sparta dolandyrylyşy boýunça respublika öwrülipdir. Döwletiň başynda iki Arhaget bolupdyr.Arhagetler hormatdan peýdalanypdyrlar. Ýaşulular maslahatyna giripdirler. Käbir işler boýunça kazyýeti amala aşyrypdyrlar. Ýaşulylar maslahaty Gerusiýa bolup, oňa 28 gerot giripdir.Olar 60 ýaşa ýeten belli spartallar bolupdyr. Gerusiýa beýleki döwletler bilen gepleşik geçirmäge gatnaşypdyr. Döwlet jenaýatlary baradaky işlere garapdyrlar we arhegetleriň garşysyna kazyýet prosesini alyp barypdyrlar. B.e.öň VIII asyrda Spartalyň döwlet gurluşynda eforlar ýüze çykypdyr.Eforlar ilki başda arhagetleriň ilkinji kömekçileri

hasaplanypdyr we emläk jedelleri boýunça kazyýet seljerişini amala aşyrypdyrlar.

## § 2. Afina hukugynyň aýratynlyklary

Gadymy Afinada kazyýet wezipeleri halk ýygnagyna areopaga, şeýle hem aýratyn işler boýunça döredilen kazyýet kollegiýasyna degişli bolupdyr. Aýratyn iş boýunça ýörite tribunal döredilýär.Muňa Arthot diýilýär. Seresapsyzlyk bilen adam öldürmekligi efektleriň kazyýetleri döredilipdir. Talaňçylyk, ogurlyk we beýleki emläkleýin jenaýatlara 11-leriň kollegiýasy , jedellere dietetleriň triteý kazyýeti (araçy) we 40-laryň kollegiýasy garapdyr.

Arhont bazilews bolsa, bilkastlaýyn adam öldürmek we jenaýatlara garapdyr.Kazyýet seljerişi aýyplama formasynda bolup, sud etmek gatnaşyjylaryň borjy bolupdyr.Ol döwürde aklawçylar bolmandyr. Ýöne çykyşlary ýazyp bermäge kömekçiler logograf bolupdyr. Ses bermek gizlin amala aşyrylypdyr. Ak we garadaşlaryň kömegi bilen. Kazylaryň düzümi täk bolupdyr. Kanunçylyga kazyýet gözegçiligini amala aşyrýan mehanizmleriň biri Nomofetiň komisiýasy bolupdyr.Nomofetiň kollegiýasynyň razylygy esasynda kanunyň taslamasy kanun bolupdyr we güýje giripdir.Hukuk kadalaryny we jedellerini çözmekligiň preseduralary iki çeşmelerde, adatlarda we kanunlarda , psefisma –larda görmek bolýar. Ähli kodekslerde ölçegi we häsiýeti anyk kesgitlenipdir. Afinanyň ilkinji ýazuw kanunçylygynda Drakontyň dolandyran döwründe b.e.öň

621-nji ýylda jenaýatlar agyr we ýeňil görnüşlere bölünmändir. Bu klasfiskasiýany Salon girizipdir. Eýeçilik döwletiň, hramlaryň ýa-da jemgyýetçilik ýerleriniň hususy formasynda bolupdyr. Hususy eýeçilik görünýänlere (ýer, gul, jaý) we görünmeýänlere (pul, gymmatly şaý-sepler) bölünipdir. Bular gozgalýan we gozgalmaýan emläkler. Nikasyzlyk ahlak taýdan ýazgarylypdyr.Ýöne köp aýalylyk gadagan edilipdir.Öýlenýän ýigitler gyzyň kakasy bilen şertnama baglanşypdyrlar.

**Edebiýat:**


1. Аристотель. Политика.
2. „История государства и права зарубежных стран“ (ч.1).М.2001
3. Графский В.Г. „Всеобщая история права и государства “ (учебник). М.2002
4. Томсон Дж. „ Исследование по истории древнегреческого общества“. М.1958

## Gadymy Rim döwleti
## § 1. Gadymy Rimde döwletiň döremegi

Gadymy Rimde döwletiň döredilmeginiň taryhy birnäçe eýýamlary öz içine alýar. Olar şulardyr:
**Döwletiň döremeginiň döwri (b.e.öň 8-6 asyr)**
**Respublika döwri (b.e.öň 5asyrdan b.e .öň27-nji ýyl)**
**Imperiýa döwri (b.e.öň 27-nji ýyldan b.e 476 ýyl)** bu hem öz gezginde 2-etaba prinsipata we dominata bölünipdir. Soňky etapda Rim döwleti Günbatar we Gündogar imperiýalaryna bölünipdir. Günbatar rim imperiýasy b.e.öň 476-njy ýylda German taýpalary tarapyndan derbi-dagyn edilipdir. Gündogar Rim imperiýasy Wizantiýa bolsa, 1000 ýyllap dowam edipdir.

Rim obşinasynyň içerki gurluşy harby demokratik häsiýetde bolupdyr. Obşinanyň başynda saýlawly serdar Reks bolupdyr.Reksler hemmeler üçin hökmany kararlary kabul edipdir.Bu ýerde senat dolandyryş organyň funksiýasyny emele getiripdir.

Plebeýler öz hukuklary üçin göreşipdirler.Olaryň ýeňşi we gadymy Rimde döwletiň döremegi Serwitulynyň reformalary bilen baglydyr.Rekes Serwitulynyň reformalary rimiň jemgyýetçilik gurluşlarynyň esaslaryna emläkleýin we territoriýal ýörelgelerini salypdyr. Rimiň ähli azat ilaty emläkleýin razrýadlara bölünipdir. Her razrýad ýaragly erkekleriň belli bir sanyny berip, olardan Senturiler, ýüzlikler döredilipdir.Rimde 4-sany şäher, 17-oba territorial okuruglary döredilipdir.Serwitulynyň reformalary tire-taýpalaryň gurluşyndaky prosesleri

tamamlap territoriýal bölünşige we emläkleýin tapawutlyklara esaslanýan täze sosial syýasy gurluş bilen çalşýrylypdyr. B.e.öň 5 asyrda plebeýler patriçalardaky hukuklara eýe bolmak üçin göreşde ýeňiş gazanypdyrlar.Şu maksatlar bilen b.e.öň 494-nji ýylda plebeý tribunynyň wezipesi döredilipdir. Plebeý tribunynyň dolandyryş häkimiýeti bolmandyr. Ýöne ol weto hukugyna eýe bolupdyr.Ýagny, islendik wezipeli şahsyň hatda senatyň hem kararlaryny ýerine ýetirmeklige gadagan edýän hukuk. Plebeýleriň ýene üstünlikleriniň biri hem b.e.öň 451-450-nji ýyllarda 12 tablisa kanunynyň çap edilmegidir.

B.e.öň 509 –njy ýylda Rimde iň soňky 7-nji reks Tarkwiniý Gordy kowulandan soň, aristokratik respublikasy döredilýär. Respublika döwri önümçiligiň gul-eýeçilik usullarynyň ösmegi basyp alyjylykly uruşlar bilen häsiýetlendirilýär.Rimde sosial bölünişik gullardan we azat adamlardan ybarat bolupdyr. Azat adamlar hem öz gezeginde iki sosial synpa bölünipdir:

1. Ýer eýeleri, söwdagärler.

2. Ýer bejerýänler we senetçiler.

Rimde şahsyýetiň hukuk ýagdaýy 3status bilen häsiýetlendirilýär:

**Azatlyk, Raýatlyk, Maşgala.**

Diňe şustatuslaryň hemmesi bolanda doly hukuk ukyby bolupdyr.

Jemagat hukugynda bu adamlaryň halk ýygnagyna gatnaşmagy we döwlet wezipelerini eýelemek hukugyny aňladsa, hususy hukukda rim nikasyny baglanyşmaga we emläkleýin hukuk gatnaşyklaryny amala aşyrmaga bolan hukugyny aňladypdyr.

Respublikanyň taryhynyň döwründe häkimiýetiň esasy döredijileri magistratlar, senat we halk ýygnaklary çykyş edipdirler. Esasan gatlaklar patriçalar we plbeýler bolupdyr.Soňra bulara atlylar hem goşulypdyr.

Rimde magistratlar diýilip dürli wezipeli şahslara aýdylypdyr.Mysal üçin konsul pretorlar we beýlekiler. Olaryň kesgitlenen iş çygry bolupdyr. Ýaragly güýçlere serkerdelik etmek, prowisalary dolandyrmak, adyl kazyýetligi amala aşyrmak, bu şahslar ýygnaklarda halka perman bilen ýüzlenipdirler.Permanlar ilki dilden aýdylypdyr, soňra olara ediktler diýilipdir.Magistratlaryň ediktleri iki wajyp häkimiýet häsiýete eýe bolupdyr.Ýagny ýurisdiksiýa we imperiuum.

Ýurisdiksiýa bu ýerde magistratyň hut özüniň kanuny güýji bilen adyl kazyýetligi amala aşyrmagy bilen aňladypdyr.

Imperium bolsa magistrata umumy bähbidi amala aşyrmak üçin belli bir çäkleri geçirmeklge berilýän doly ýokary häkimiýetdir.Mysal üçin şular ýaly ýagdaýlarda konsul bir wagtda harby häkimiýeti we ýuridiksiýa aňladypdyr.

## § 2. Rim imperiýasy

**Rim imperiýasy**- b.e.öň 44-nji ýylda hemişelik diktator bolup, populýarlaryň serdary azat adam Gaý Ýuriý Sezar bellenilýär. Ýuriý Sezar öldirilenden soň Aktebian Awgust birnäçe häkimiýet ygtyýarlyklaryna eýe bolupdyr. Bularyň hemmesi ýuwaş-ýuwaşdan imperatorlyk dolandyryş formasyna geçilmegine täsir edipdir.

Prinsipat ýörelgesi-prinsipat döwründäki döwlet gurluşyny respublika monarhiýasy diýilip atlandyrylypdyr.

Prowinsiýada dolandyryş iki ugur boýunça imperator we senat boýunça alynyp barylypdyr. Imperator prowinsiýalary imperator tarapyndan bellenilen Legatlar tarapyndan dolandyrylypdyr.

Dominat ýörelgesi- dominat iki häkimiýetliligi (diarhiýa) prinsepsiň ahýryna tamamlanypdyr. Bu ýagdaý Diolektianyň dolandyran wagty bolupdyr. Şu döwürde Opelýasiýa instituty ýüze çykypdyr. Onuň esasynda ýokary kazyýet instansiýasy ýüze çykypdyr. Dialektianyň dolandyran döwründe territoriýal harby we maliýe dolandyryşy boýunça reformalar amala aşyryrlypdyr.

Diolektianyň döwründe hristianlar zalym gysylypdyr.Diňe Konstantiniň dolandyran wagtynda b.e.öň 306-337-nji ýyllarda Milan edikt neşir edilipdir.Şu edikt bilen hristiançylyk kanuny esasda din statusyna eýe

bolupdyr.Imperiýanyň G.d-ra we G.b-ra bölünmegi bilen iki imperator hem Awgust diýilip atlandyrylypdyr.

**Edebiýat:**

1. „История государства и права зарубежных стран“(ч.1).М.2001
2. Графский В.Г. „Всеобщая история права и государства “ (учебник). М.2002
3. Омельченко О.А. Основы римского права. М., 1992.
4. Черниловский З.М. „Всеобщая история государства и права“.М.2002

# Rim hukugynyň aýratynlyklary

## § 1. Rim hukugynyň ösüşi

Rim hukukçylary tutuş hukugy jemagat we hususy kwirit, latynlar hukugyna we halklaryň hukugyna bölüpdirler. Tebigatyň kanunalaýyk gatnaşyklary bilen deňeşdirilen hukugyň uniwersal kesgitlemesine birnäçe tagallalar edipdirler.Şeýle hukuk halklaryň hukugy ýa-da tebigy hukuk diýip atlandyrylypdylar. Rimlileriň Siwil hukugy özüniň başky mazmuny we ähmiýeti boýunça rimlileriň hukugy soňra hususy hukuk diýilipdir.Rim hukugynyň taryhynyň döwürleri şu aşakdakylardyr:

1) Gadymy döwür- b.e.öň VI-III asyrlar.Bu döwürde Rim hukugynyň esasy institutlary kemala gelipdir.

2) Klassyk döwri- b.e.öň III asyr ortalary- b.e.öň III asyryň ahyrlary.Bu döwürde Rim hukugy özüniň iň ýokary ösüşine we kämilligine ýetýär.

3) Postklassyk döwri – b.e IV-VI asyrlary. Bu döwürde Rim hukugy gul-eýeçilik jemgyýetiniň we döwletliginiň krizisini başdan geçirýär.

Rim hukugynyň çeşmeleri birnäçe iri ugurlar we hukuk düzgünleşdiriş usuly boýunça bölünipdir:

Kwirit hukugy- oňa rim raýat hukugy hem diýilipdir.

Pretor hukugy, halklaryň hukugy, tebigy hukuk, adaty hukuk şeýle hem keramatly hukuk.

Ähli rim magistratlaryň imperiumy (ýokary häkimiýet güýji) bolupdyr. Hemem ýokary jemagat we harby häkimiýeti bolupdyr. Ol öz içine özüniň alyp barmagyň

umumy kadalaryny bellemekligi we degişli ediktleri neşir etmeklige alypdyr.
Sisiron magistratlar barada şeýle diýipdir: “ Halka magistratlar ýolbaşçylyk edýär. Diýmek magistrat gürleýän kanun diýip bolar. Kanun bolsa dilsiz magistratdyr”.
Kwirit hukugy-taryhy taýdan rimlileriň hukugy hökmünde ösüpdir we öz içine gadymy rim hukugyny, pretor hukugynyň düzgünlerini alypdyr. Soňra tutuş ýuridiki kadalarynyň we ýörelgeleriniň jemlerini aňladyp şol döwletiň kanunlarynda we adatlarynda berkidilipdir.
Pretor hukugy- Bu hukuk ýokary derjeli hökmany güýç bolupdyr. Sebäbi pretor ýokary wezipeli şahs hökmünde imperium hukugyna eýe bolupdyr.

Hukugyň wajyp çeşmeleri bolup kanun çykyş edipdir. Ol halk ýygnagynyň kararlary bilen düzgünleşdirilipdir.
Hukukçy Modestin kanunlar barada şeýle belläpdir: “ Kanun göz öňünde tutýar ýa-da gadagan edýär, ýa-da rugsat berýär ýa-da jezalandyrýar”.
Çeşmeleriň hataryna Senat konsultlary hem degişli bolupdyr. Bular kanunyň ýerine ýetirilmegi üçin senatlaryň kabul edýän kararlarydyr.

Hukugyň çeşmeleriniň aýratyn görnüşini hukukçy alymlaryň düşindirişleri hem düzüpdir. Olara jogaplar ýa-da ýurisprudensiýa diýilipdir.
Adat hukugy- kanunlaryň ýok wagty ýagny, hukuk gatnaşyklarynyň, gatnaşyjylaryň anyk kesgitlenen hukuklarynyň ýok wagty hereket edipdir. Belli hukukçy

Gaý hukugyň çeşmeleriniň tutuş jemini şeýle sözler bilen belläpdir: “ Rim halkynyň raýat hukugy kanunlardan, plebeýleriň kararlaryndan, senatyň permanlaryndan, imperatoryň buýrugyndan ybaratdyr.

Imperatoryň buýruklarynyň, permanlarynyň birnäçe görnüşleri bolupdyr. Olara konstitusiýalar, dekeretler, mandatlar we reskriptler degişlidir.

B.e.öňki 426-njy ýylda Feodolsi III we Walentiýan III aýdan sözleri ulanmak barada kanun kabul edilipdir. Bu kanun şeýle hem 5 hukukçy Papinýanyň, Paweliň, Ulpiýanyň, Modestiniň we Gaýyň işlerine ýuridik güýç beripdir.

## § 2. Rim hukugy boýunça hukuk gatnaşyklarynyň aýratylyklary

Rim hukugynyň institutlary has umumylaşdyrylan görnüşde ýagny hususy hukugyň, zat hukugynyň, borçnamalaýyn hukugyň, talap hukugynyň institutlary hökmünde bellenendir. Hususy hukugy 3 häsiýet bilen ölçenilýär: **1. Azatlyk, 2. Raýatlyk, 3. Maşgala statuslary**. Sanalyp geçilen statuslar raýatyň haýsy derejede hukuk ukyplylygyna eýedigini görkezipdir. Mysal üçin, raýat azat statusynda has köp hukuk ukyplylygyna eýe bolupdyr.Ähli ugurlar boýunça hukuk ukybyna eýe bolmaklyk bir wagtyň özünde syýasy, maşgala we emläkleýin sferalarynda gatnaşmaklygy aňladypdyr.

Rim ýurisprudensiýasynda ýuridik şahsyň doly düşünjesi bolmandyr. Ýöne aýratyn ygtyýarlykly

şahslaryň birleşiklerini tapawutlandyrypdyrlar. Olara Koorparaçiýalar diýilipdir.

## KORPORASIÝALAR:

1. Munisipal - belli bir ýeriň raýatlarynyň birleşmegi.
2. Populus romanus (Rim halky) – birleşik bolup, köpçilikleýin eýeçilik edipdirler we şertnamalar baglanşypdyrlar.
3. Kollegiýa- ýöriteleşdirile wezipeli şahslarynyň birleşigi.
4. Haýyr hasawat guramalary.

Zat hukugy- zat hukugynyň esasy institutlary bolup, eýelik etmek hukugy we kesekiniň zadyna doly däl hukuk çykyş edipdir.Ähli zatlar mançipirlenen we mançipirlenmeýän toparlara bölünipdir. Mansipirlenýän zatlaryň hataryna ýerler, gullar, öý haýwanlary, jaý gurmaklyk degişli bolsa, mançipirlenmeýän zatlar pula satyn alynypdyr.
Serwitutlar- adatlarda we kanunlarda berkidilýän kesekiniň zadyny ulanmaklygy çäklendirýän hukuklardyr. Klassyk we postklassyk döwrüň serwitutlary ilki bilen hem kesekiniň zadyna bolan zat hukugydyr.
Şertnamalar- iki ýa-da birnäçe taraplaryň ylalaşygy bolup, kanuna laýyk hereketleri amala aşyrmaklyga we özara borçlary döretmeklige gönükdirilendir.
Kazyýet goraglygynyň üpjünçilik derejesi bolsa iki görnüşe bölünipdirler:

1. Kontraktlar- siwil hukugy tarapyndan ykrar edilipdir we talap goragy bolupdyr.
2. Paktlar- bu ylalaşyklaryň kazyýetde talap goragy bolmagydyr.

Deliktler- hem hususy we jemagat toparlaryna bölünipdirler. Borçnamalar hem Gaýyň düşündirişi ýaly ýa şertnamalardan ýa-da deliktlerden gelip çykýandyr.

**Edebiýat:**


1. Гай. Институция. М., 1997.
2. Покровский И.А. история римского права. СПб., 1998.
3. Пухан И., Поленак- Акимовская М. „ Римское право“.М.2000
4. Черниловский З.М. „Всеобщая история государства и права“.М.2002

# Orta asyrlarda hukugyň we döwletiň ösüşi

## § 1. Orta asyrlarda Ýewropa döwletlerine umumy häsiýetnama

Orta asyrlar jemgyýetçilik we ruhy durmuşy aýratyn alamatly syýasy we hukuk medeniýetiň täze fazalarynyň ýüze çykan döwri boldy. Bu täze medeniýetiň aýratyn intensiw işlenilmegi we berkidilmegi IX-XIII asyrlara gabat gelýändir. G.b Ýewropa hukugyny we syýasy medeniýetini işläp taýýarlamak bilen German taýpalary we olaryň döreden korollyklary meşgullanypdyrlar. Orta asyr jemgyýetine belli bolan feodalizme geçmekligiň iki esasy ýoluny görkezmek bolar:

1. Ol ýa-da beýleki görnüşde käbir ýurtlarda gul-eýeçilik jemgyýetiniň we döwletiniň bolmagy.
2. Irki feodal jemgyýetiniň we döwletiniň döredilmegi tire-taýpa gurluşynyň adrgap ugran wagtyna gabat gelmegi.

1).Feodal jemgyýetiň syýasy ulgamynyň birnäçe aýratynlyklary bolupdyr. Syýasy häkimiýet feodalizme ilki bilen ýer eýeçiligi bilen bagly bolupdyr. Feodalizmiň syýasy ulgamynda şäherler hem kooperatiw birlikler hökmünde aýratyn rol oýnapdyr. Şu döwürde oba obşinalarynyň ähmiýeti artypdyr. Şeýle-de bolsa feodalizmiň aýratyn häsiýetli alamatlaryna garamazdan feodal jemgyýetiniň syýasy ulgamdaky esasy orun döwlete degişli bolupdyr. Feodal döwletleri dürli ýurtlarda we ösüşiň dürli taryhy etaplarynda dolandyryş formasy,

döwlet gurluşy we syýasy häkimiýeti amala aşyş usuly boýunça tapawutlanypdyrlar.
Ilkinji iri feodal döwletler. Irki feodal monarhiýalaryň V-IX asyrlarda döredilmegine täsir edipdirler. Önümçiligiň feodal usullarynyň ösmegi natural hojalygyň agalygy feodal dagynlyklaryna getirdi. Bu bolsa häkimiýetiň koroldan aýratyn feodala geçmegine döwlet häkimiýetini WASSAL gatnaşyklarynyň esasynda gurmaklyga esas boldy. Şu şertlerde Ýewropada feodal döwlet SENIORIAL monarhiýa (IX-XIII asyrlar) hökmünde çykyş edýär. Haryt, pul gatnaşyklarynyň, şäherleriniň ösmegi feodal jemgyýeti düýpli özgerişlere getirýär. Şu döwür bilen gatlaklaýyn wekilçilikli monarhiýa mahsusdyr.(XIV-XV)
Feodalizmiň dargap başlan döwründe we kaptalistik gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy netijesinde korol häkimiýeti feodal döwleti berkitmek isleýär. Ol absolýut monarhiýa formasy ýüze çykýar. (XVI-XVII asyrlar).

## § 2. Arap halyfaty

Tutuş orta asyrlar dowamynda Ortaýer deňziniň iň gülläp ösen döwletleriniň biri Muhammet Pygamber we onuň mirasdarlary tarapyndan döredilen Arap halyfatlygydyr. Ilkinji yslam döwletiniň dörän ýeri bolan Arabystan ýarym adasy Eýranyň we D.g –G.d Afirikanyň arasynda ýerleşýär. Muhammet Pygamberiň döwründe ol az ilatly ekeni. Muhammet öz wagyz-nesihat işini Mekge şäherinde başlapdyr. Ýöne ol öz pikirdeşleri bilen Medine şäherine gitmäge mejbur bolýar. Hut şundan hem

musulman kalendary esasynda wagt hasaplaşyk başlanýar (621-629 ýyllar).

Täze dine yslam diýilipdir.ALLANYŇ erkine boýun bolmak Hudaý bilen rahatlyk we basym ýarym ada we onuň çäklerinden daş ýere ýaýrapdyr. Pygamberiň ýoluny dowam etdirijilere Abu- Bekir,Omar,Osman,Aly-Halyflar diýilipdir (Halyf-orunbasar, mirasdüşer).Omar halyfyň (634-644 ýyllar) döwründe bu döwlete Damask, Siriýa, Polestina,Finikiýa,Müsür goşulypdyr.G.d-da Arap döwleti Mesopatamiýanyň we Persiýanyň hasabyna öz territoriýasyny diňeldipdirler.

Omeýýad dinastiýasy (661-nji ýylyň başlary) Ispaniýany boýun egdiripdir. Paýtagty Damaska geçiripdir.

Abbasitler dinastiýasy (750-nji ýylyň başlary) 500 ýylyň dowamynda Bagdatda dolandyrypdyr. 10 asyryň ahyryna çenli Arap döwleti 3 halyfatlyga Bagdatda Abbasitlere, Kairde fatimidlere, Ispaniýada omeýadlara bölünipdir.

Abbasidleriň iň meşhur halyflary Harun-al-Raşit we onuň ogly Al-Mamun bolupdyrlar.Orta asyrlarda arap musulman dünýäsi dünýä arenasyna Farabi, Awissena,Ibn-Ruşdy, Ibn-Halduny ýaly akyldarlar çykarypdyrlar.

Häkimiýet gurmak we dolandyrmak.Musulman döwleti Muhammetden soň biraz wagt teokratiýa hökmünde bolupdyr.Muhammetden soň halyf ady bilen Mujahir Abu-Bekir bolupdyr. Mujahir Omar bolsa kazyýete seredipdir. Şeýle hem ol halyf derejesinde emiriň (harby dereje) titulyna eýe bolupdyr. Mujahir Abu-Ubeýda maliýa soraglaryna garapdyr. Osmanyň döwründe Gurhanyň tekstiniň keramatlaşdyrylmagy amala

aşyrylypdyr. Muhammet pygamber aradan çykandan 30 ýyldan soň Yslam 3 uly akymlara bölünipdir:

1. SÜNNÜLER-pygamberiň sözler we hereketler baradaky ýygyndysyna (hadyslar) esaslanýarlar.
2. ŞAÝYLAR-özlerini Gurhanyň aýdýan zatlaryny anyk ýerine ýetirýän hasaplapdyrlar.
3. HARUJITLER-Abu-Bekiriň we Omaryň syýasatyny we tejiribesini dowam etdirijiler.

GURHAN-Musulman hukugynyň ilkinji çeşmesidir. Gurhan sözüniň özi "Beýan etmek" diýmekdir. Gurhan 114 bapdan (Sürelerden), we 6211 aýatdan ybaratdyr. Munda birnäçe düzgünler hukuk häsiýetde bolupdyr. (500 aýat ol ýa-da beýleki derejede ýuridiki ähmiýetli).

SÜNNI – HADYSLAR- bu hem çeşmeleriň biri bolup, 6 tomda ýygnalypdyr we keramatlandyrylypdyr. Bu ýygyndylara nika we miras, sud ediş we kazyýet prosesual hukuk kadalary, gullary erkinlige goýbermegiň kadalary girizilipdir.

IJMA- hem hukugyň çeşmesine degişlidir. Ol ilki bilen musulman obşinasynyň umumy ylalaşyk hökmünde soňra, ymamlaryň, müftileriň, mujahitleriň arasynda kanunçylaryň umumy ylalaşygy hökmünde düşündirilýär. Bu çeşme Muhammediň şu sözleri bilen şöhlelendirilýär: "Eger-de özüňi bilmeýän bolsaň, onda kim bilýän bolsa şolardan soraň".

Hukugyň şu çeşmeleriniň toparyna ýagny,hukuk soraglary boýunça aýry-aýry müftileriň kararlary we pikirleri FETWA diýilip atlandyrylypdyr. Belli işler boýunça, meňzeş işler boýunça karar çykarmak Kyýas adalgasy bilen bellidir. Umuman musulman hukugyny käwagt Şerigat sözi bilen aňladýarlar. Şerigat dowam etmek ýaly Hudaý tarapyndan açylan zatdyr.

Şerigat boýunça doly hukuk statusyna musulmanlar peýdalanypdyrlar. Musulmanlar zekat töläpdirler. Musulman aýallara gaýry dinlilere durmuşa çykmak gadagan edilipdir. Gaýry dinliler pes ýagdaýy eýeläpdirler we agyr salgytlara sezewar edilipdir.

Zat hukugy- hukugyň bu kategoriýasynyň arasynda musulmanyň eýeçiligine girmeýän zatlar aýratyn görnüşi emele getirýän arassa zatlar: howa, deňiz, çöl , metjitler . Arassa däl zatlar: çakyr, doňuz eti,gadagan edilen kitaplar.

Ýer eýeçiligine wakyf, ikta, mülk görnüşleri hereket edipdir.

Şertnamalar boýunça borçlar möhletli we möhletsiz öwezini dolmak we dolmazlyk,iki we köp taraply görnüşlere bölünipdir.

Nika baglaşmak özboluşly söwda geleşigi hökmünde garalypdyr. Gurhan erkek adama 4 aýal edinmegi rugsat beripdir.

Mirasy almakda ilki çagalaryň soňra doganlaryň, daýylaryň hukugy bolupdyr. Aýallaryň mirasy erkekleriň paýynyň 2-den bir bölegine deň bolupdyr.

Jenaýatlar we jezalar. Dine we jemgyýetçilik rahatlygyna garşy edilen jenaýatlar aýratyn toparlary bölüpdirler. Yslamdan boýun gaçyrmak emläge konfiskasiýa ýöretmek bilen ölüm jezasy berilipdir. Ogrularyň ellerini çapypdyrlar.

Kazyýet prosesi aýyplaýjy, bäsdeşlik häsiýetde bolupdyr. Jenaýat we raýat işlerine adatça metjitlerde seredilipdir. Proses ilki dilden alynyp barylypdyr. Soňra abbasitleriň döwründe protokollar döredilipdir. Taraplar işleri özleri alyp barypdyrlar. Subutnama hökmünde jogapkäriň boýun almasy, şaýatlaryň görkezmeleri, kasamlar kabul edilipdir. Iş bir maslahatda diňlenilipdir.

**Edebiýat:**


1. Антология мировой правовой мысли: в 5т. Т.1,2.М.1999
2. Медведев И.П.Развитие правовой науки.М.1985
3. Графский В.Г. „Всеобщая история права и государства “ (учебник). М.2002
4. Сативалдыев Р.Ш. Политическая и правовая мысль раннесредневекового мусульманского Востока. Душанбе. 1999

# Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň hukugy

## § 1. Günbatar Ýewropa ýurtlarynda hukugyň ösüşi

Irki feodal hukugy barada Warwary hakykatlary diýilýän Germanlaryň kazyýet kararlary,çözgütleri bolupdyr. Bularda köp taraplaýyn hukuk adaty ýazylypdyr. Bularyň arasynda iň gadymylarynyň biri hem SALIÝ hakykaty bolupdyr. Ol Hlodwig dolandyran wagtynda V asyryň ahyrlary VI asyryň başlarynda düzülipdir. Mundan başga-da BURGUND hakykaty ( V asyr ahyr-VI asyr baş), WESTGOST hakykaty (VI-VII asyrlar), ALLEMAN hakykaty (VIII asyr), SAKSON we TÝURINK hakykaty (VIII asyr soňy-IXasyr başy). Warwary hakykatlary dürli eýýamyň tejiribesini, anyk içeri we daşary şertlerini şöhlelendiripdir. Warwary hakykatlary kazylar üçin gözükdirmeler, ugrukdyrmalar bolupdyr. Şonuň bilen birlikde olar ulgamlaýyn beýan edilen hukuk kadalarynyň ýygyndylary bolmandyr. Warwary hakykatlary irki feodal hukugynyň ýeke-täk çeşmesi däldir. Korol häkimiýetiniň birikdirilmegi bilen korolyň buýruklary, permanlary ýüze çykýar. Olar hakykaty dolandyrypdyrlar. Ýöne soňra aýratyn resmileşdirilipdir.Olara Kapitulýariler degili bolupdyr.

Kapitulýari- Hlodwigiň döwründe ýazylypdyr.Korollingleriň döwründe bolsa, olar köp çap edilipdir. Korollingleriň kanunçylygy şeýle hem VIII-IX asyrlarda Katolik buthanasynyň täsiri Germanlaryň irki feodal hukugynyň täze territorial ýörelgesiniň

tassyklanmagyna getiripdir. Irki feodal hukugynyň çeşmeleriniň arasynda Immunitede gramatalaryny we Formula gramatalaryny görmek bolýar. Immunitet gramatalary korollar tarapyndan irki feodallara berilipdir. Formula gramatalary bolsa resminamalaryň nusgalaryny belläpdir. Onuň kömegi bilen dürli gepleşikler baglanşylypdyr.

Ähli Warwary hakykatlarynyň arasynda Saliý hakykaty aýratyn hyzmata eýedir. Bu hukuk resminamasynda eýeçiligiň doly düşünjesi bolmandyr. Gozgalýan zatlara aýratyn şahsyň ýa-da maşgalanyň eýeçiliginde bolsa "Suus" özüniňki diýen adalga ulanylypdyr. Franklarda şertnamalaýyn gatnaşyklar onçkaly ösüşe eýe bolmandyr. Saliý hakykatynda şertnamalaryň umumy şertlerini görkezýän esaslar bolmandyr.

Nika we maşgala. Saliý hakykaty boýunça Franklarda maşgalanyň patriarhal häsiýeti bolupdyr.Atasy aýalyna, gyzyna ömürlik howandarlyk edipdir.Ogluna howandarlyk onuň 12 ýaşyna ýetmegi bilen tamamlanypdyr. Saliý hakykatynda nikanyň we maşgalanyň meselelerine köp sanly bolmadyk maddalar bagyşlanypdyr. Saliý hakykatynyň birinji kapitulýasiýasynda ene-atanyň razylygy talap edilipdir. Saliý hakykatynda aýrylyşmak barada hiç zat aýdylmandyr. VIII-IX asyrlarda katolik buthanasynyň täsiri bilen Franklaryň nika we maşgala institutyna üýtgeşmeler girizilýär. VIII-IX asyrlarda nikanyň hökmany suratda buthanada resmileşdirilmegi hakynda ilkinji kanunçykaryjylyk namalar çykarylýar.

Jenaýatlar we jezalandyrmalar. Saliý hakykatynyň köp bölekleri jenaýatlara we jezalandyrmalara bagyşlanypdyr. Saliý hakykatynda jenaýat diýilip öýke, başga biriniň şahsyýetine we emlägine ýetirilen zyýan korolyň rahatlygyny bozmaklygy düşündirilýär. Degişlilikde jeza diýilip öýkäniň öweziniň dolmagyna (kompazisiýa), zyýanyň öweziniň dolmagyna (faidus) aýdylýar.

Kazyýet prosesi bäsdeşlik esasynda bolupdyr. Ogurlanan zady gözlemek, jogapkärli şaýatlary kazyýete çagyrmak, jebir çekeniň özüniň borjy bolupdyr. Şonuň bilen bir wagtda Saliý hakykaty esasy sebäplere görä jogapkär we şaýat kazyýete gelmese jerimäni göz öňünde tutupdyr. Galp şaýatlyk etmek hem berk jezalandyrylypdyr.Bilýän zatlaryny doly we dogry aýtmasa jezalandyrylypdyr.

## § 2. 1648-nji ýylyň Westfal parahatçylyk şertnamasy

Orta asyrlar Ýewropa halklary üçin halkara hukugynyň işlenip taýýarlanýan döwri bolupdyr. Onuň mazmuny halklaryň we döwletleriň arasyndaky çaknyşyklary parahatçylykly çözmek üçin gözlegler bilen kesgitlenipdir. Bu soraglaryň işlenilip taýýarlanmagynyň 1-nji döwründe hukukçylar täze ylmy Rim hukugynda “ius gentium” (ähli halk hukugy) adalgasyny aldylar. 1618-1648-nji ýyllarda dowam eden umumy Ýewropa urşunyň tamamlanmagy bilen 1648-nji ýylyň 24-nji

oktýabrynda WESTFAL traktatyna gol çekildi. Bu resminama özara baglanşykly iki parahatçylyk şertnamasyny göz öňünde tutýar. Traktatda jedelleri çözmekde şeýle hem çozýan tarapa agarşy köpçilikleýin sanksiýalaryň ulanmaklygyň birnäçe ýörelgeleri we kadalary berkidilipdir. Mundan başga-da traktat iki hristian buthanalarynyň Protestant we Rim katolik özara gatnaşyklary uruşdan öňki ýagdaý boýunça kesgitlenmelidir.

**Edebiýat:**


1. Антология мировой правовой мысли: в 5т. Т.2.М.1999
2. Дженкс Э. Английское право. М.1947
3. История Европы.М.1996
4. Право в средневековом мире.М.1996

# Orta tasyrlarda Gündogaryň ýurtlarynda döwlet we hukuk

## § 1. Orta asyrlarda Hindistanda hukuk gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilişi

Hindistanda Maurileriň imperiýasynyň dargamagy bilen musulmanlaryň eýelemegine çenli syýasy dagynlygyň we bäsdeşligiň uzak döwri bolupdyr. Şol bir wagtda ilat özüniň öňki sosial gurluşyny we adatlaryny saklapdyr. X asyrda Eýranda türk musulmanlaryň çozuşy başlanýar. Netijede Deli soltanlygy emele gelýär (1206-1526). 1526-njy ýylda Hindistanda Timuritleriň dinastiýasyndan Babur çozýar. Baburyň özi Hindistanda Beýik Mongollaryň imperiýasyny dörediji (1526-1707) hökmünde taryha girendir. Ol örän sowatly hökümdar, taryhçy we şahyr bolupdyr. 1556-1605-nji ýyllarda patyşa Akbaryň dolandyran wagty dürli taryhy wakalara baý bolupdyr. Ol tutuş D.g Hindistany özüne tabyn edipdir. Onuň döwründe ähli ýerleri döwlet ýerleri diýip yglan edipdir. Ýerleriň diňe 3 % -ti ruhanylara berilipdir. Iňlisler Hindistana XVII asyrda gelipdirler. Ýöne XIX asyryň ortalaryna çenli administrasiýada we kazyýet önümçiliginde musulman täsiri bolupdyr. 1832-nji ýyla çenli jenaýat işleri diňe musulman kazyýetlerinde garalypdyr.

Orta asyrlarda dharmaşastralaryň we dharmasutralaryň komentariýalary hukugyň esasy çeşmesi hökmünde uly ähmiýetli bolupdyr. Mysal üçin Mitahşaralar (Ýadžannawalkiniň dharmaşastralaryna komentariýalar ). VIII-XIII asyrlaryň dowamynda Manunyň

kanun ýazylan birnäçe komentariýalar we beýlekiler Dharmaşastralaryň komentariýalary adyl kazyýetligi amala aşyrmaklyga uly ýardam edipdir. Komentariýalar wajyp kazyýet prosesual kadalaryny we hödürnamalaryny anyk işläp taýýarlapdyrlar. Komentariýalary ulanmakda amatlylyk üçin olary aýratyn hukuk düzgünleşdirilişiniň görnüşleri boýunça tematik ýygyndylary esasynda taýýarlanypdyr. XII asyra çenli Hindistanda kanunçylyk komentariýasynyň iki sany güýçli mekdebi bolupdyr : Mitakşara we Daýabhaga.

Tematik ýygyndylary olaryň hindiçe ady “nibandh” adatça patyşanyň ýokary wezipeli şahsyň tabşyrygy boýunça taýýarlanypdyr.

Mitakşara akyldar Ýadžanawalkiniň taýýarlan iň meşhur komentariýasydyr. Ol XI asyryň ahyry XII asyryň başynda patyşanyň tabşyrygy boýunça taýýarlanypdyr.Komentariýalarda esasy üns maşgala, nika gatnaşyklaryna, miras almaklyga şeýle hem şahsy sosial statusa berilýär. Orta asyrlar hukugynyň özboluşly instituty hökmünde maşgala çykyş edýär.

Daýabhaganyň mekdebiniň düşündirişi boýuça eýeçilik diňe maşgala başa degişlidir. Maşgala başynyň ogullary miras alan ýagdaýlarynda ony öz aralarynda paýlaşman hem bilýärler. Mundan başga-da eýeçiligi Taňra, Hudaýa bermeklik instituty hem bolupdyr. Şu ýagdaýda eýeçilik haýyr-sahabat jemgyýetleriniň eýeçiligi bolupdyr.

## § 2. Orta asyrlar Hytaýda kanunçylygyň aýratynlyklary we umumy alamatlary

Orta asyrlar Hytaýlylar üçin dinastiýalaryň, kanunlaryň ýygyndysynyň ýüze çykmagy mahsus bolupdyr.Adat bilşy ýaly bularyň başynda dinastiýany esaslandyryjylar bolupdyr. 1647-nji ýylda Mançižur sanownikleriň we kazylaryň tagallasy bilen kodeks döredilipdir.

Orta asyrlaryň başlangyç döwründe iň işlenip taýýarlanylan kanunlar.Tan dinastiýasynyňky (618-907 ýyllar) we Sun dinastiýasynyňky (907-1279-ýyllar) bolupdyr.

Tan kodeksi. Tan jenaýat kodeksi ilkinji iri kanunlaryň ýygyndysydyr. Onda komentariýalar bolupdyr. Tan kodeksini taýýarlamaklyk 653-nji ýylda tamamlanypdyr. Ýöne halka 730-njy ýylda ýetirilipdir.

Sun dinastiýasynyň "Düzedilen we gaýtadan seredilen jenaýat kanunyň ýygyndysy" atly kodeksi 959 –njy ýylda taýýarlanylýar we 963-nji ýylda neşir edilýär. Tan kodeksiniň şeýle gurluşy bolupdyr: 502 madda, 30 bap olar hem 12 tematik bölümlere bölünipdir.

Bölümler:

1. Jeza çäreleri we kanunlary ulanmagyň ýörelgeleri.
2. Gadagan edilen ýerleri goramak.
3. Çinowikleriň wezipeleýin borçlary we ony ýerine ýetirmegiň tertibi.
4. Öý hojalyk we nikalaşmak.
5. Döwlet athanalary we däne ambarlary.
6. Administrasiýanyň özbaşdak hereketleri.

7. Talaňçylyk we ogurlyk.
8. Dawalar we jedeller.
9. Kezaplyk we galplyk.
10. Dürli jeza beriji kanunlar.
11. Tussag etmeklik we gaçmaklyk.
12. Kazyýet önümçiligi we tussaghanalada saklamak.

Kazyýet prosesi jebir çekeniň dilden ýa-da ýazuw görnüşdäki arzasy boýunça jemagat gözleg häsiýetli bolupdyr. Jenaýatçyny gözlemäge jogapkär çinowikler bir aýyň dowamynda jogapkäri tapmaly bolupdyrlar. Bellenilen möhletde jenaýatkär tapylmasa taýak bilen 30 gezek urulypdyr. Şeýle hem kazyýete gelmedik şaýat hem 30-40 gezek taýak bilen urulypdyr. Gullar öz hojaýynlaryna garşy görkezme berip bilmändirler. Ölüm jezasy baradaky hökümi imperatoryň özi tassyklapdyr. Ýönekeý adamlary köpçilikleýin köpleriň öňünde jezalandyrypdyrlar. Çinowikleri bolsa öz öýünde jezalandyrypdyrlar.

## § 3. Orta asyrlar Koreýa

Hytaýyň birnäçe syýasy we sosial institutlary, adatlatlary goňşy halklara we ýurtlara täsir edipdir. Tan dinastiýasynyň dolandyran wagtynda imperiýanyň agalygyny 88 halk ykrar edipdir. Bu ýagdaý Koreýa köp täsir edipdir. Ol 668-676-njy ýyllarda gös-göni Hytaýyň agalydynda bolupdyr. Ilkinji irki Koreý döwletleriniň biri bolan gadymy Çosandyr ( b.e.öň XIIasyr). Ol Koreý ýarymadasynyň D.g böleginde ýerleşipdir we köp wagtlap güýçli Hytaý döwletlerinden öz garaşsyzlygyny

saklapdyr. Gadymy Çosanda Womyň miras tituly we b.e.öňki XII asyra degişli 8 maddadan ybarat kanunlaryň ýygyndysy bolupdyr. 1-madda boýunça adam öldürene ölüm jezasy, 2-madda bolsa ten şikesleri üçin däneleri tölameli, 3-maddada bolsa ogurlyk üçin kimiň zadyny ogurlan bolsa şol adam gul bolmaly eken. Bular ýaly kanunlaryň bellenilmegi gadymy Çosanomyň ilatynyň ýokary ahlakly bolmagyna, ogurlygyň bolmazlygyna täsir edipdir.

III-IV asyrlarda ýarymadada 3 sany taýpalaýyn döwletler bolupdyr. Olarda ýokary häkimiýet we Wan-serdar tireleriň atlylardan ybarat bolan sosial gurlyşy bolupdyr. Şeýle hem ýere wezipeleýin eýelik etmeklik hem ulnylypdyr. Ruhy durmuşda konfisionçylyk täsiri duýulypdyr. IV asyrda bu ýere buddizm ýaýrapdyr. VI asyrda ýarymadanyň ilaty täzeden Hytaýyň agalygyna düşýär. Ýöne IX-X asyrlarda şäheriň ösmegi we gozgalaňlaryň artmagy bilen Hytaý diktaturasy gowşaýar. Bu ýerleriň birleşik prosesi başlanýar.

Koreýa-gysgaça Koguro sözünden gelip çykandyr. Kosona Koreýanyň paýtagty bolup, ol Seuldan d.g-da ýerleşipdir. Bu ýerde häkimiýeti guramagyň hytaý ulgamy girizilipdir. Buddizm we onuň tekstine uly gyzyklanma başlanýar. Sun imperiýasynyň tehniki, senetçilik tejiribesi öwrenilip, IX asyrda kagyz tipogrsiýasynyň ösmekligine getirýär.

Koreýada raýatlyk urşy başlanýar. 1218-nji ýylda Çingiz hanyň goşunlarynyň eline düşýär. Agyr salgytlar, zabun dolandyryşyk girizilýär. Koreýada mongol Igosynyň ýykylmagy bilen täze Li dinastiýasy döreýär.

Bu döwürde hytaý medeniýetiniň çinowniklerininiň synag ulgamynyň uýgunlaşmagy dowam edipdir. Ýurdy dolandyrmak merkezden territoriýany 8 priwinta bölmeklik esassynda alynyp barylypdyr. Administratiw wezipeler miraslaýyn Aristokratyň elinde bolupdyr. Şeýle hem astranomiýa, matematika ýaly iş çap etmeklik ösüpdir.

## § 4. Ýaponiýa- Sýogunat eýýamy

Ýaponiýada VII asyryň ortalarynda administrasiýanyň hytaý modelinden nusga alynypdyr. Ýaponiýanyň iki paýtagty Norra we Kýota Hytaýyň paýtagty Şanhaýyň nusgasynda gurulypdyr. XII asyrdan öňki administratiw gurluş jemgyýetiň feodallaşmagy we knýazlaryň dawalaşmagy bilen ýykylypdyr. Häkimiýet başyna Topigzo gelipdir. Ol başynda Sýoogun we hökümet bolan harby býorokratyň dolandyryş ulgamyny girizipdirler. Bu dolandyryş režimi 2,5 asyrlap Beý Sziniň reformasyna çenli dowam edipdir. Ýapon adalarynyň ilatlaşdyrylmagy birnäçe asyryň dowamynda bolup geçipdir. B.e.öň III-IV asyrda Ýamata taýpasyna döwleti döretmek başardypdyr. Şäherlerde gehler we gilziýalar döräpdir. VI asyrdan başlap buddizm bilen konfusianyň täsiri artýar.

604-nji ýyldan Şazada Sýotoku Taýsi özüniň kanunlaryny, konstitusiýanyň 17-madda görnüşde beýan edýär. Munda dolandyryşyň ýörelgeleri buddizmiň we kofusiançylygyň ruhunda hökümdar özygtyýarlyk

ýörelgesi, kiçileriň ululylara berk tabyn bolmaklygy berkidilipdir.

668-nji ýylda “Parahatçylyk hakynda” birinji kodeksi taýýarlanypdyr. 670-nji ýylda ilkinji gezek ilat ýazuwyny geçiripdirler.708-nji ýylda imperator Mommunyň döwründe Taýho resure atly täze kodeksiň düzülmegine başlanýar. Ol iki bölekden has takygy taýhorýo we taýhoresi ybarat bolupdyr. “Rýo” adalgasy konstition we administratiw ähmiýetli namalary , “Resu” adalgasy boýunça jezalandyryş we kazyýet ähmiýetli namalary aňladypdyr.

XII asyrda häkimiýete Sýognularyň harby diktatorlaryň gelmegi bilen üýtgeşmeler başlanýar. Olar özleriniň dinastiýasyny döredipdirler. Sýogunlar “başlady, dowam etdi, tamamlady” diýen şygar bilen döwleti dolandyrypdyrlar. Umumy mazmunda “Sýogunat” bu harby diktator bolup, Ýaponiýada 1192-nji ýyldan başlap, 1862-nji ýyla çenli ähli häkimiýet strukturasyna ýolbaşçylyk edipdir. Şeýle dolandyryşly režim Bakuf diýilip atlandyrylypdyr. Tutuş sýogunat 3-si bölünipdir.

**Edebiýat:**


1. Антология мировой правовой мысли: в 5т. Т.1.М.1999
2. Вернадский Г.В. История права. СПб.1999
3. Графский В.Г. „Всеобщая история права и государства “ (учебник). М.2002
4. История Востока: в 6т. Т.2.М.1995

# Täze döwrüň döwletiniň taryhy. Angliýa

## §1. Angliýada XVII asyryň rewolýusiýasy we döwlet gurluşygyndaky üýtgeşmeler

Täze döwrüň döwletiniň we hukugynyň taryhy bu institutyň häzirki zaman taryhyny emele getirýändir. Täze döwrüň hukuk institutlaryna jemgyýetde bolýan üýtgeşmeler göni ýa-da gytaklaýyn täsir edipdirler. Bu üýygeşmeler ilki bilen senagat önümçiliginiň ösmegi we intensiw söwda alyş-çalyşygynyň ýaýramagy bilen baglydyr. Angliýa eýýäm ilkinji bolup orta asyrlarda içerki syýasy we dolandyryş häsiýetli umumy milli döwlet hökmünde kemala geldi. Iňlis rewolýusiýasy döwründäki wakalary we üýtgeşmeleri şu etaplara bölmek bolar:

1. **Konstitusion döwür (1640-1642-nji ýyllar) şu döwürde parlament korola birnäçe talaplary bildirýär we ol şu talaplary ýerine ýetirmäge mejbur bolýar. Şol bir wagtda Irlandlar hem iňlisler bilen deň hukukly bolmak üçin aýaga galýarlar.**
2. **I- Raýat urşy döwri (1642-1644-nji ýyllar).**
3. **II-Raýat urşy döwri (1648-1649 ýyllar).**

Iki raýat urşunyň kanunçylygy 1642-nji ýylyň awgustynda korolyň parlamenta uruş yglan etmegini öz içine alýar. 1643-nji ýylda Olbert Krombel goşuny

gurmaklygyň täze modelini girizýär. Goşunyň syýasy platformasyny beýan edýän ilkinji resminama goşun jarnamasy kabul edilýär.

4. **INDEPENDENT respublikasy döwri (1649-1653-nji ýyllar) . Şu döwürde häkimiýet ugrunda göreş dowam edýär. Krombel we onuň tarapdarlary bu häkimiýetden köp peýdalanýarlar.**
5. **PROTEKTORAT Krombeliň döwri (1653-1658-1660-nji ýyllar). Şu döwürde Konstitusiýa birnäçe ofisserleriň topary tarapyndan işlenilip taýýarlanylýar we hökümetiň,häkimiýetiň ýaragy diýilip atlandyrylýar. Konstitusiýa 42-maddadan ybarat bolupdyr.**

Iki raýat urşy döwründe goşunyň kämilleşmegi babatynda birnäçe resminamalar taýýarlanypdyr. Olaryň biri hem 1647-nji ýylyň 1-nji awgustynda goşundan gelýän esasy teklipleriň manifistinde parlamenti ýylda iki gezek çagyrmak barada aýdylypdyr. 1649-njy ýylyň 19-njy maýynda parlament Angliýanyň halkyny we oňa degişli territoriýalary respublika we azat döwlet hökmünde dolandyrjakdygy barada jar edilýär. Angliýadaky sosial we syýasy üýtgeşmeleriň özboluşly aýratynlygy hem bu ýerde monarhiýanyň , parlament palatalarynyň saklanyp galmagydyr.

## § 2. Angliýanyň şol döwürdäki hukuk namalarynyň ähmiýeti. Britan koloniýal imperiýasy

Şu döwrüň iň belli hukuknamalarynyň biri hem Habeas Corpus Admendment Akt.1679-njy ýylyň Habeas Corpus Admendment Akty raýatlaryň şahsy azatlyklarynyň goragynyň esasy konstitusion kepilllikleriniň üçlügini düzýär; 1215-nji ýylda " Erkinlikleriň beýik Hartiýasy", 1628-nji ýylyň hukuklar hakynda PETISIÝA (arz etmek, şikaýat etmek).

Iňlis hukuk goragynyň ulgamynyň aýratynlygy barada belli rus alymy K.A. Timirýazew şeýle diýipdir: " Iňlisler köp zada buýsanyp bilerler. Olaryň Oksfordy we Kembriji bar. Ýöne olaryň has buýsandyrýan zatlarynyň biri hem Habeas Corpus prosedurasynyň bolmagydyr".

Habeas Corpus prosedurasy – bu kazyýet buýrugy bolup tussag astynda saklanýana jogapkär wezipeli adama iberilýär. Buýrukda tussag edileniň kazyýete getirilmeginiň we tussaglygynyň wagty we sebäpleri barada habar berilmegi barada aýdylýar.

Habeas Corpus aktyna laýyklykda her bir saklanylýan ýa-da tussag edilen, şeýle hem girewne boşadylmaga boýun gaçyrýanlara Habeas Corpusyň esasynda önümçiligi amala aşyrmak üçin kazyýete ýüz tutmaga hukugy bardyr. Arza laýyklykda kazyýet saklanylýanyň ýa-da tussag edileniň kanunlygyny barlamak üçin ony 24 sagadyň dowamynda kazyýete getirilmegini talap edýär. Eger-de kazyýet şahsyň saklanylmagy, tussag edileniň esassyzlygy barada karar

çykarsa olary derrew boşadýarlar. Şu prosedura häzirki zaman adam hukuklary boýunça resminamalar hem berkidilendir (adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň goragy hakyndaky 1951-nji ýylyň Ýewropa Konwensiýasy).

Britan imperiýasy ilki dünýä söwda imperiýasy hökmünde döredilýär. Eduwart IV dolandyran wagtynda Angliýadan Hindistana we Hytaýa D.g-G.d ýoluny tapmak üçin ekspedisiýa ugradylýar. Ýöne gämileriň iki deňizdäki tupana satyşyp kül-peýkun bolýarlar. Gämileriň diňe biri 1553-nji ýylda D.g Diwina gelipdirler. Syýahatçylar soňra Moskwa ýetipdirler we patyşa Iwan IV tarapyndan kabul edilipdirler. Kapitan Çensler Moskwa patyşalygy bilen erkin söwda etmek üçin ýörite hat alypdyr. 1554-nji ýylda Londanda Moskowskaýa atly ilkinji söwda kompaniýalary döredilipdir. Soňra Ýelizaweta I tarapyndan köp söwda kompaniýalary döredilipdir. 1579-njy ýylda Skandinawiýa we Baltika ýurtlary bilen söwda etmek üçin 1581-nji ýylda Liwanty kompaniýasy, Ottaman imperiýasy bilen söwda etmek üçin 1588-nji ýylda Afirka kompaniýasy gul söwdasyny etmek üçin,1600-nji ýylda meşhur Ost-Ind kompaniýasy döredilýär. Wagtyň geçmegi bilen Britaniýa iri kolonial döwlete öwrülýär. XX asyr başlarynda onuň paýyna ýer şarynyň territoriýasynyň 57%-mi we garaşly ilatyň 71%-mi düşüpdir.

**Edebiýat:**

1. Конституции и законодательные акты буржуазных государств ( ч.1). М.1957
2. Уолкер Р. Английская судебная система. М.1980
3. Черниловский З.М. „Всеобщая история государства и права“.М.2002
4. Хрестоматия по истории государства и права зарубежных стран (новое и новейшее время). М.2000

## Amerikanyň Birleşen Ştatlary

### § 1. ABŞ-nyň Garaşsyzlyk hakyndaky jarnamasy (04.07.1776ý)

XVIII asyryň ortalarynda koloniýalaryň bir bitewi federasiýa birleşmegi baradaky piker ýüze çykýar. Federasiýanyň 1-nji taslamasy 1748-nji ýylda Franklin tarapyndan işlenilip taýýarlanylýar. 1776-njy ýylynda 13 koloniýanyň wekilleri Fiadelfiýa ýygnanyşyp Birleşen Ştatlarynyň garaşsyzlygynyň Jarnamasyny düzýärler we halka ýetirýärler. Jarnama Ýewropada uly täsir galdyrýar. Sebäbi jarnamada jebir çekýän halkyň gozgalaňa hukugynyň bardygy aýdylypdyr (Halk özygtyýarlylygy). Ýokary häkimiýet halkda bolupdyr we diňe halk haýsy häkimiýetiň, halkyň bähbitleriniň laýyk gelýänini çözüpdir. Jarnama koloniýalarynyň Britan patyşasyndan we hökümitinden syýasy garaşsyülygyny aradan aýyrýandygyny jar edipdir we şonuň bilen birlikde islendik garaşsyz döwlet hökmünde islendik işi alyp barmaga hukugyny berkidipdir. Koloniýalar garaşsyz döwletlere, ştatlara öwrülipdirler. Olar öz aralygyndaky meýletin ylalaşyk bilen bagly bolupdyrlar. Amerikan koloniýalarynyň Angliýanyň garşysyna urşy rewolýusion azat edijilikli uruş bolupdyr. 1783-nji ýylda Angliýa ABŞ-nyň garaşsyzlygyny ykrar edipdir.

### § 2. ABŞ-nyň 1787-nji ýyldaky Konstitusiýasy

ABŞ-nyň konstitusiýasy döwlet dolandyryşynyň esasy guralydyr we ýuridiki esasy kanunydyr. Amerikanyň konstitusiýasy dünýädäki konstitusiýalaryň iň irkisi

bolup, köp ýurtlaryň konstitusiýasy düzülende nusga bolup hyzmat etdi. Konstitusiýanyň öçmejek gymmatlygy onuň ýönekeýligine we çeýeligine baglydyr. Oňa barýogy 27 sany düzediş girizildi. Konstitusiýanyň işlenilip taýýarlanyşynyň we kabul edilişiniň taryhy ýeňil bolmandyr.1776-njy ýylda Britaniýanyň Amerikadaky 19 koloniýasy özleriniň garaşsyzlygyny yglan etdiler. Garaşsyzlyk ugrundaky uruş gidip durka özlerini ABŞ diýip atlandyrýan koloniýalar özlerine bir döwletiň çäginde birleşdirýän şertnamalary düzdüler. Bu şertnamanyň doly ady "Konfederasiýanyň we baky birleşigiň maddalary bolup ştatlaryň kongresi tarapyndan 1777-nji ýylda tassyklanyldy we 1778-nji ýylyň iýulynda resmi ýagdaýda gol çekildi. Maddalar 13-nji ştat ýagny Merilend ştaty 1781-nji ýylyň martynda tassyklanandan soň kanuny güýje girdi.

Täze dokument, konstitusiýa 1787-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda işlenilip gutarylypdyr. 1789-njy ýylyň 4-nji martynda bolsa resmi taýdan kabul edildi. Konstitusiýanyň esasy maksady halkyň islegini ýerine ýetirýän berk saýlawly hökümeti döretmekdir. Konstitusiýanyň we oňa laýyklykda döredilen hökümetiň wajyp wezipeleri dürli islegleriň hemmesini bir ýere jemlemekden we şol bir wagtda halkyň esasy hukuklaryny goramagy üpjün etmekden ybaratdyr.

ABŞ-nyň konstitusiýasyna bu dokument ýurduň esasy kanuny diýilip atlandyrylýar. Bu düzgüni kazylar şeýle düşündirýärler: "Eger ştatlaryň kanun çykaryjy ýygnaklaryň ýa-da Federal ştat konstitusiýalary ýa-da

kanunlary Federal konstitusiýa garşy gelse. Ol kanunlar güýjüni ýitirýär. Ýurdyň esasy kanunyny üýtgetmek ygtyýary Amerikan halkynyň elindedir”.

Döwlet dolandyryş ýörelgeleri konstitusiýanyň kabul edilen wagtyndan bäri birnäçe üýtgeşmeler girizilen hem bolsa, onuň esasy düzgünleri 1789-njy ýyldakysy ýaly galandyr.

1. Häkimetiň esasy 3 pudagy - ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet pudaklary biri-birinden aýrydyr.
2. Konstitusiýa öz düzgünlerine we şertnamalaryna laýyklykda Prezidentiň karary we senatyň tassyklamasy esasynda kabul edilen kanunlar bilen bilelikde kanunlardan we kararlardan we beýleki düzgünlerden ybaratdyr.
3. Kanunyň öňünde hemme adamlar deňdir we deň derejede kanun boýunça goralmaga hukuklydyr.Hemme ştatlar deňdir we olaryň hiç biri Federal hökümeti tarapyndan aýratyn gatnaşyga ýokdyr. Konstitusiýanyň çäklerinde ştat beýleki ştatlaryň kanunlaryny ykrar etmäge we sylaglamaga borçludyr.
4. Konstitusiýada kesgitlenilişi ýaly halkyň döwlet dolandyryşynyň görnüşini kanuny tertipde üýtgetmäge haky bardyr.

Döwlet ýolbaşçylarynyň wekilçiligi konstitusiýa bilen çäklendirilendir. Olaryň hereketleri konstitusiýa we oňa laýyklykda kabul edilen kanunlara gabat gelmelidir. Konstitusiýada ýokary wezipeli adamlaryň wezipä gabat gelmeýän hereketleri üçin IMPINÇMENT

arkaly işden boşatmak düzgüni göz öňünde tutulandyr. Konstitusiýanyň 2-maddasynyň 4-nji bölüminde: “Prezident, wisa prezident we birleşen ştatlaryň ähli wezipeli raýatlary ýurda dönüklik, parahorlyk ýa-da uly jenaýatlar üçin impinçment arkaly sud edilenden soň işden boşadylyp biliner” diýilip bellenilen.

**Edebiýat:**


1. Антология мировой правовой мысли: в 5т. Т.3.М.1999
2. Хрестоматия по истории государства и права зарубежных стран (новое и новейшее время). М.2000
3. США: Конституционные и законодательные акты. М.1993

## Fransiýa

### § 1. 1789-1794-nji ýyldaky rewolýusiýa we konstitusion gurluşynyň dikeldilmegi

1789-1799-njy ýyllarda Fransuz rewolýusiýasy absolýut monarhiýanyň ýykylmagyna we respublikanyň dikeldilmegine getirdi. Fransuz rewolýusiýasy Amerikan rewolýusionerleriň tejiribesi esasynda bolup geçdi. 1789-njy ýylyň iýulyndan 1792-nji ýylyň awgust aralygynda korolyň we milli saýlanan wekilleriň arasynda birnäçe gapma-garşylyklar boldy. 1789-njy ýyl ähli rewolýusion ýyllaryň arasynda iň netijelisi bolandyr: 1. 14-nji iýul syýasy rewolýusiýanyň nyşany boldy (Bastiliýanyň basylyp alynmagy, absolýut monarhiýanyň, häkimiýetiniň we režiminiň ýykylmagynyň başlangyjy). 2. 4-nji awgust Fransiýa aristokratik döwlet diýilip jar edilýär. 3. 26-njy awgust hukuklaryň jarnamasy kabul edilýär we şonuň bilen bir wagtda raýat azatlygynyň düzgünleşdirilmeginiň we kepillendirilmeginiň täze konstitusion ýörelgeleri tassyklanylýar. 4. 22-nji dekabr administratiw rewolýusiýa bolup geçýär. Prowinsiýalaryň ýerine döwleti 83 departamenta bölmeklik girizilýär.

Täze administratiw gurluş bilen birlikde maliýa, salgyt, kazyýet, harby, bilim edaralary we gurluşlary işlenilip taýýarlanylýar we durmuşa ornaşdyrylýar.
Fransiýa korolygynyň 1791-nji ýylyň 3-nji sentýabryndaky 1-nji konstitusiýasynda döwlet gurluşy we dolandyrylyş formasy, tebigy we raýat hukuklarynyň

üpjün etmek usuly şeýle hem döwlet häkimiýetleri barada bellenilipdir.

1792-nji ýylyň 21-nji sentýabrynda korol häkimiýetiniň ýatyrylýandygy barada dekeret çykarýar. Respublika jar edilýär. Netijede respublikan dolandyryş döwleti başlanýar. Ýgagny I- respublika döwri 1792-nji ýyldan 1802-nji ýyla çenli dowam edýär (Napoliýonyň Fransiýanyň imperatory diýilip yglan edilen senesi). Ýokary häkimiýet edarasy bolup KONWENT çykyş eýär. Onda ilki ŽIRONDISTLER soňra ÝAKOBINÇILER we TERMIDORIANÇYLAR agalyk edipdirler. Žirondist konwentiniň (21.09. 1792ý- 2.06. 1793ý) dolandyryşy Ýakobinçiler konwentiniň dolandyrylmagy bilen çalşyrylýar. Ýakobinçiler (2.06.1793ý- 27.07.1794ý). Termidoriançylyk konwenti bolsa, 1794-nji ýylyň 27-28-nji iýulynda bolup geçen kontur rewolýusion agdarylyşygynyň netijesinde ýüze çykýar we 3- respublikanyň konstitusiýasy kabul edilýänçä dowam edýär. Termidoriançylyk konstitusiýasynyň güýje girmegi bilen Dilektoriýanyň dolandyryş döwri başlanýar. 1799-njy ýylyň 9-njy noýabrynda Napoliýon Bonapartyň agdarylyşygy Dilektoriýanyň hökümetini ýykýar we Konsulatyň režimini belleýär.

## § 2. Adamyň we raýatýatyň hukuklarynyň jarnamasy. .Fransiýada respublika adaty .

**Adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasy** Preambuladan we 17- maddadan ybaratdyr. Jarnamanyň preambulasynda bu resminamalaryň ähmiýeti barasynda aýdylýar. Hukuklar we azatlyklar adam hukuklaryna we raýat hukuklaryna bölünýär. Adamyň hukuklary (tebigy adam hukuklary). Adamyň hukuklary, azatlyklary, deňligi, eýeçiligi, howpsyzlygy we jebir çekmeklige garşylygy öz içine alýar. Raýatyň hukuklary bolsa, adamyň hukuklaryna esaslanýandyr. Olar raýat azatlyklaryny 4-6-10-11 maddalar, kanuny kepillikleri 7-9 maddalar şeýle hem syýasy dolandyryşa gatnaşmaklygy kepillikleriniň sanawy 12-16 maddalary öz içine alýar. Jarnamada bu wakalardan öň ýaşap geçen fransuz akyldarlarynyň ( Žan Žak Russo (1712-1778) köp ideýalary jemlenendir.

Fransiýada I- respublika 7-ýyl, II- respublika 3-ýyl hereket eden bolsa, III- respublika 70-ýyl hereket etdi. III- respublikanyň döwründe ýurtda bitewi konstitusiýa ýokdy. Onuň ýerine döwlet häkimiýetini dolandyrýan konstitusion kanunlar hereket edýärdi:1- senaty döretmek baradaky kanun (24.09.1875ý). 2. Döwlet häkimiýetini guramak hakyndaky kanun (25.02.1875ý). 3. Döwlet häkimiýetleriniň arasyndaky gatnaşyklar hakyndaky kanun (16.07.1875ý).

Şu 3 kanunyň hemmesi bary-ýogy 34 maddadan ybaratdy.Şonuň üçinem konstitusion gurluş baradaky meseleler hereket edýän kanunçylyk bilen düzgünleşdirilýärdi. Şu döwürde monarhiýanyň we

respublikançylaryň arasynda ýiti göreş gidýärdi. Respublikanyň prezidenti 7-ýyla saýlanylýardy we konstitusion monarhiýa mahsus bolan ygtyýarlyklara eýedi. Ýagny kanun çykaryjylyk insiatiwiýasy, kanunlary çap edýär we kanunlara gözegçilik edýär. Kanunçylyk 4-ýyl möhletde saýlanylýan deputatlaryň palatasy we senat tarapyndan amala aşyrylýardy.

II- jahan urşy döwründe ýeňlişigiň netijesinde ýurtda katolik döwlet döredilýär. Oňa Marşal Peten ýolbaşçylyk edipdir. General Degol |Londandan we Alžirden azat edijilik hereketine ýolbaşçylyk edipdir.

IV- respublika 1945 ýylyň oktýabrynda konstitusion ýygnaga saýlaw-
lar hakynda referendum geçirilýär. 1-ýyldan soň bolsa, täze konstitusiýa kabul edilýär.

Milli ýygnak ýeke-täk kanun çykaryjy organ bolup, ähliumumy deň we gizlin ses bermek arkaly saýlanylýar.

Respublika geňeşi 2- palata bolup, maslahat beriji funksiýany ýerine ýetiripdir. Şu döwürde prezident 7-ýyl möhlete saýlanypdyr. Aşaky palatany goýbermäge ygtyýarlygy bolupdyr.1946-njy ýylyň konstitusiýasyndan başlap konstitusion tekstiň düzüm bölegi hökmünde adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasy hasaplanylyp başlapdyr.

V- respublika – bu döwrüň başy 1958-nji ýyldan başlanýar we häkimiýete General Degollyň gelmgi we konstitusion reformanyň geçirilmegi bilen baglydyr. 1958-nji ýylyň oktýabrynda täze konstitusiýa güýje girýär. Şonuň esasynda prezident ilki bilen parlament

tarapyndan saýlanylýardy. Ýöne 1962-nji ýylda konstitusiýa düzedişler girizilýär we şonuň esasynda prezident ähliumumy saýlawlarda sesleriň ýönekeý köplügi bilen saýlanylýar.Prezident Premýer ministri belleýär. Ol ministrler sowetine ýolbaşçylyk edýär. Kanunlary çap edýär.Şeýle hem onuň milli ýygnagy geçirmäge hukugy bar. Milli ýygnak 5-ýyl möhletde saýlanylýar. Beýleki palata - senat bolsa, 9-ýyla saýlanylýar. Fransuz respublikasynyň şygary: “ Azatlyk,deňlik we doganlyk”.

**Edebiýat:**


1. Жорес Ж. Социалистическая история французской революции в 6-и т. Т.1. М.1976
2. История буржуазного конституционализма. XVII-XVIII вв. М.1983
3. История буржуазного конституционализма. XIX в. М.1986
4. Прело М. Конституционное право Франции. 1957

Французский гражданский кодекс. М.1941

# Germaniýa

## § 1. Germaniýadaky rewolýusiýa

Beýik Fransuz rewolýusiýasy ,, German milletiniň keramatly Rim imperiýasy “ diýlip atlandyrylan feodal imperiýasynyň gutarnykly dargamagyna täsir etdi. Napoleon I bu işi doly amala aşyrdy. Ýüzlerçe döwletleriň ýerine onlarçasy galdy. Germaniýanyň köp ýerleri, ýagny onuň Reýn boýundaky welaýatlary gös-göni Fransiýanyň dolandyrylmagyna berildi. Bu ýerde krepostnoýçylyk hukugy we feodal ýeňillikleri ýok edildi we 1804-nji ýylda graždan kodeksi girizildi. Napoleonyň ýeňlişi hem köne imperiýanyň dikeldilmegine täsir etmedi. Onuň ýerine 1814-nji ýylda Pariž traktaty esasynda German soýuzy diýip atlandyrylan soýuz döredildi. Onuň düzümine 34 döwlet korollyklar, knýazlyklar we käbir erkin şäherler girýär. Birleşen döwletler öz garaşsyzlygyny saklapdyrlar. Soýuzda baştutanlyk Awstrýa degişli bolandyr. Şonuň bilen bir wagtda Germaniýada buržuaz ösüş hem ýuwaş-ýuwaşdan tamamlanyp başlapdyr. German buržuaziýasy häkimýet ugrundaky göreşe başlaýar. Şu döwre ýakyn wagtda hem German işçi klasy hem aýaga galýar. 1844-nji ýyldaky Slez dokmaçylarynyň çykyşlary nemes işçileriniň feodalizm we agalyk bilen göreşiň başyny başlady. 1848-nji ýylyň maýynda Prus milli ýygnagyna saýlawlar geçirilýär. 1849-njy ýylda Konstitusiýa hem Korol Fridrih Wlgelm IV goşmaça girizmekligi talap edýär we onuň netijesinde täze ýygnagy çagyrmaklyk karar edilýär. Bu saýlawlar aýratyn ulgam boýunça geçirilýär. Onuň mazmuny şundan ybarat, ýagny saýlawçylar – hemmesi

erkek adamlar 3 klasa – kuriýalara bölünýärler. Birinji 2 kuriýalara iri salgyt töleýjiler giren, beýleki soňkusyna galan saýlawçylar giren. 1850-nji ýylyň Konstitusiýasy kanunçykaryjy häkimýetli 2 palatany döredýär. Aşaky palata saýlawly, ýokary palata knýazlardan , beglerden ybarat bolan. Prus Konstitusiýasy öz mazmuny boýunça obsalýut monarhiýanyň Konstitusiýasy bolup galan.

Demirgazyk German soýuzy. Ähluмumy harby borçlulyk , goşuna sarp edilýän ägirt çykdajylar Prussiýany German soýuzynda Awstriýanyň garşysyna çykýan ýeke-täk döwlet eden. Hiç bir German döwletinde senagat Prussiýadaky ýaly ýokary derejede ösmändir. 1866-njy ýylda Golşteýn gersoglygy ugrundaky çaknyşyk Awstriýanyň we Prussiýanyň arasyndaky urşa eltýär. Bu uruşda Awstriýanyň goşuny ýeňilýär. Awstriýanyň dargadylmagy German soýuzynyň hem ýatyrylmagyna getirýär. Onuň ýerine Prussiýa D.G. soýuzyny döredýär. 1867-nji ýylda bu soýuz Konstitusion gurluşa eýe bolýar. Ol Pruss koroly Kansler we 2 palata bilen dolandyrylypdyr. Aşaky palata Reýhstag ähliumumy saýlaw hukugy bilen saýlanypdyr. Käbir German döwletleri (Gannower we Nassau) Prussiýa birikdirilipdir.

1870-nji ýylda Prussiýa Fransiýa bilen urşy başlamaklyga mümkinçilik alýar. Prussiýa Fransiýany ýeňmek bilen Go. German döwletlerine bitewi German imperiýasyna girmeklige itergi berdi. 1871-nji ýylda German imperiýasy Konstitusiýasyna eýe bolýar. 1871-nji ýylyň Konstitusiýasyna laýyklykda imperiýanyň düzümine 22 monarhiýalar (Prussiýa, Bawariýa, Saksoniýa) we köp

erkin şäherler giren. Konstitusiýa belli bir derejede olara Garaşsyzlyk beren. Ýöne hakykat ýüzünde olaryň agzalygy hem deň bolmandyr. Prussiýanyň koroly imperiýada easay bolupdyr. Oňa imperator tituly berlen. Ol imperiýanyň ýaragly güýçleriniň baştutany bolan. Imperiýanyň çinownikleri , şol sanda hökümetiň baştutanyny, soýuz kanslerini wezipä bellän. German imperiýasynyň ýokary palatasy Bundestraty bolan. Onuň agzalary döwletleriň hökümetleri tarapyndan bellenen. Wekilçiligiň kadalary Konstitusiýada bellenilen.

Bundestratyň 58 deputatlarynyň 17-si Prussiýadan bolan, galan döwletleriň wekilleri 1-den 6-a çenli bolan (1871ý Kons. 6 m). Konstitusiýa Bundestrata kanunçylyk häkimýetini we belli bir derejede ýerine ýetiriji häkimýetini beren. Bundestrat kanunlaryň güýji bolan kararlary çykarmaga hukugy bolan (Kons. 7 m)

## § 2. Awstrowengrýanyň döredilmegi

Awstriýa syýasy we harby taýdan gowşan hem bolsa, şol bir wagtda iri Ýewropa döwleti bolup galýardy. Ol geçen asyrda bolşy ýaly ägirt Slawýan territoriýalaryny – Çehiýa, Morawiýa, Slowakiýa, Horwatiýa, Sleziýa, Bukowina, Galisiýa şeýle – de tutuş Wengriýany saklaýardy we ekspluatirleýärdi. 1848-nji ýylyň rewolýusiýasy Awstriýany hem tutýar. Ol Wenadaky köpgünlük söweşler, Pragadaky aýagagalmalar, Wengrýadaky azat edijilik hereketler bilen häsiýetlendirilýär. Bu ýerde häkimýetiň başyna uçreditel ýygnak gelýär. Şeýle-de bolsa , Awstriýaly monarhlar öňki syýasy ulgama gaýdyp gelýärler. Awstrýa beýleki

döwletleri eýelemek üçin 1867-nji ýylda Wengriýa içerki awtonomiýany berýär. Wengrýanyň özüniň kanunçykaryjylyk edaralaryna , hökümetine hukugy bolýar. Awsriýanyň we Wengriýanyň umumy işleri bolsa , her ýyl çagyrylýan wekilçilikli edaralaryň delegasiýasynyň kömegi bilen çözülýär. Awstriýanyň imperatory şol bir wagtda Wengriýanyň koroly diýlip jar edilýär. Şeýlelik bilen bu döwletleriň resmi ady Awstrowengrýa bolýar.

Germaniýa bolsa bütin dünýäni üýtgetmäge çalyşýardy. Bismarkyň daşary syýasaty tutuş adamzadyň ýigrenjine eýe bolýar. Onuň yzyny dowam etdirijiler hem şol ýoldan barýarlar. Ýagny Afrikadaky kolonial basypalyşlar , Hitaýa garşy kolonial uruşdaky erbet elhençlikler yzly – yzyna dowam edýärdi. 1914-nji ýylda Serb şäheri Saraýewoda awstriýaly ers-gersogyň öldürilmegi jahan urşunyň turmagyna itergi berýär. Bu urşuň başlangyjy Germaniýanyň üstündedir. Bu uruşda Germaniýa uly ýeňlişe sezewar boldy. Germaniýanyň tarapynda söweşen Awstro-Wengrýa imperiýasy hem taryhyň sahnasyndan ýitirim boldy.

**Edebiýat:**

1. „Всеобщая история : В 3 т. Т.1“. СПб.1992
2. Графский В.Г. „Всеобщая история права и государства “ (учебник). М.2002
3. История государства и права зарубежных стран ( учебник, в двух частях ).М.2001
4. Черниловский З.М. „Всеобщая история государства и права“.М.2002

# Latyn Amerikasy

## §1. Garaşsyzlyk ugrundaky söweş we latyn amerikan döwletleriniň döredilmegi

Ispaniýanyň we Portugaliýanyň Amerikada koloniýal ulgamynyň berkidilmegi XV asyryň ahyrynda XVI asyryň başlarynda, ýagny orta asyrlarda başlady.

Ispan koloniýalary “Indi” diýip atlandyryldy. Olara ilki bilen indeýleri hristiançylyga çekmäge iberilen missiýa hökmünde garalsa-da, esasan harby feodal usullar bilen dolandyrylýardy.

Adat bolan indeý döwletliligi (maýýa, astek, ink) konkistadorlar tarapyndan ýok edilipdi.

Koloniýalardaky ýerler resmi taýdan korolyňky diýlip jar edilse-de, XVI asyrdan başlap ýerler koloniýaçy – konkistadorlaryň we kotolik buthanasynyň eline geçipdir.

**Enkomiýenda** - ulgamy, ýagny indeýleriň ýarymgul, ýarym krepostýançylyk zähmetiniň görnüşi giňden ýaýrapdyr.

XVIII asyrlarda enkomiýendanyň ýerine peonaž – garaşly bergidarlyk çalşypdyr.

Ispaniýanyň 300 ýyllap Amerikada agalyk etmegi bilen şol döwürdäki çylşyrymly sosial – etnik gurluşly koloniýal imperiýa emele gelýär. Onuň bitewi kotolik ynanjy we merkezleşdirilen syýasy dolandyryş ýeke-täk ulgamy bolupdyr. Bu häkimiýet piramidasynyň ýokarsynda ispan koroly durupdyr.

Ispaniýanyň koloniýalardaky umumy syýasatyny söwda palatasy, soňra 1524-nji ýyldan başlap korolyň

ýanynda döredilen indiýanyň işleri boýunça geňeş amala aşyrylýar. Ol dünýä taryhynda koloniýal adminstrasiýasynyň ilkinji ýöriteleşfdirilen organydyr.

Bu geňeş koloniýal kanunlary çykarýar, ýokary çinownikler belläpdir we koloniýal kazyýetler üçin ýokary apellýasiýa instansiýasy bolupdyr.

Amerikanyň özünde ýokary häkimiýeti wise – korollar amala aşyrypdyrlar.

XVIII asyryň aýagyna çenli Latyn Amerikasy 4 sany wise – korollyklar döredilipdir: 1) Täze ispaniýa (paýtagty Mehiko); 2) Täze Granada (Bogata); 3) Peru (Lima); 4) Rio-de-la-Plata (paýtagty Buenos-Aýres)[1].

Wise-korollyk ýaragly güýçlere serkerdelik edipdirler, ýerli kanunlary çyakrypdyrlar, adminstrasiýa ýolbaşçylyk edipdirler, Ispaniýa göçüp gelenlere ýerli we indeý obşinalaryny berkidipdirler, salgyt ýygnalyşyna gözegçiligi amala aşyrylypdyr.

Ispan tagty üçin az ähmiýetli koloniýalarda bolsa, general – kapitanlar bellenilipdir, olar adminstratiw özbaşdaklygyndan peýdalanypdyrlar we indiýanyň işleri boýunça geňeşden gös-göni görkezmeleri alypdyrlar.

XIX asyryň ahyryna çenli Gwatemaloda, Wenesuelada, Çilide we Kubada general-kapitanlyklar döredilipdir.

Wise-korollaryň we general-kapitanlaryň ýanynda döredilen aýratyn kazyýet-dolandyryş edaralary –

---

[1] История государства и права зарубежных стран ( учебник, в двух частях ). М.2001. С. 181.

audiensiýalaryň koloniýal dolandyryşda wajyp roly bolupdyr.

Ispan admistrasiýasy koloniýalarda ilatyň durmuşynyň ähli tarapyna gözegçilik etmek üçin örän köp kanunçylyk namalaryny işläp taýýarlapdyr. 1680-nji Indeý patyşalygynyň kanunlarynyň ýygyndysy (9 kitap we 6377 kanun) çap edilipdir, bu taryhda koloniýal hukugyň ilkinji ýygyndysydyr.

Şeýle-de bolsa, koloniýalarda ýuwaş-ýuwaşdan kapitalistik gatnaşyklar ýüze çykyp başlaýar. Hut XVIII ikinji ýarymynda Latyn Amerikada milli aňyýet oýanýar, muňa ABŞ-daky garaşsyzlyk ugrundaky rewolýusion göreş öz täsirini ýetirendir.

Amerikada Ispan we Portugal koloniýalarynda azat edijilik hereketiniň ösmegine XVIII asyrdaky fransus rewolýusiýasynyň we onuň konstitusion resminamalarynyň hem täsiri ýetendir.

Bu bolsa 1806-njy ýylda negr gullaryň aýaga galmagyna we Gaiti döwletini garaşsyz diýip jar etmeklige getirdi.

Latyn Amerikasyndaky garaşsyzlyk ugrundaky göreş Napoleon I Ispaniýa çozup girmeginden we kanuny karol Ferdinand VII (Burbonlaryň dinastiýasy) agdarylmagyndan başlandy.

1810-njy ýylda Karakasda, Buenos-Aýresdo, Bogotoda we beýleki şäherlerde antiispan çykyşlary başlandy.

Koloniýalardaky azat edijilik urşy 2 etapy geçdi: 1) 1810-1815-nji ýyllar; 2) 1816-1826-njy ýyllar.

Azat edijilik urşunyň birinji etabynda hökümet huntalary döredilýär. Huntalarda meşhur harby we döwlet işgärleri S.Boliwar, H.San-Martin, H.Artigos we beýlekiler ýüze çykypdyr.

Azat edijilik urşunyň ahyryna çenli öňki ispan we portugal kooniýalarynyň ýerine 10 sany garaşsyz döwletler döreýär: Argentina, Boliwiýa, Braziliýa, Beýik Kolumbiýa, Meksiko, Paragwaý, Peru, Merkezi Amerika Federasiýasy, Çili, Urugwaý. Şeýlelik bilen öňki ispan koloniýalary (San-dominganyň ispan bölegi, Kuba we Puerto-Rigadan başgalary) syýasy taýdan özbaşdak döwlet bolýarlar.

XIX asyrda Latyn Amerika ýurtlarynyň garaşsyzlyga eýe bolanlaryndan soňky döwürleri ýiti sosial-syýasy göreş bilan häsiýetlendirýär. Bu ýagdaý soňra olaryň konstitusion we döwlet hukuk ösüşini kesgitledi.

XIX asyryň 20-30-njy ýyllarynda Latyn Amerika ýurtlarynyň köpüsinde birnäçe bäsdeş toparlar ýüze çykyp başlaýar. Soňraky döwürde şularyň esasynda 2 sany partiýa hem emele gelýär we olara wagtyň geçmegi bilen “Taryhy” partiýalar diýlipdir.

Garaşsyzlygyna eýe bolanlaryndan soň öňki monorhistler, unitaristler we býurokratik dolandyryşyň tarapdalary konserwatorlar adyna eýe bolýarlar we adatça konserwatiw partsiýa birleşipdirler. Bu partiýa köp ýurtlarda iri ýer eýeleriniň we kotolik buthanasynyň bähbitleriniň goragçysy bolup çykyş edipdir. Konserwatorlar goşunyň we buthananyň aýratyn ýeňillikleriniň (fueros) saklanyp galmagynyň açyk tarapdarlary bolupdyrlar.

Liberal partiýanyň düzümini bolsa, unitarizmiň we býurokratik merekzleşdirmäniň garşydaşlary düzüpdirler.

Şeýlelik bilen XIX asyrda latyn amerika ýurtlaryndaky syýasy partiýalar aýry bir ulgamyň – *kaudilizmiň* bölegi bolýarlar.

**Kaudilizm** konstitusion-hukuk gurluşynyň esasynda däl-de eýsem zorlugyň esasynda gurlypdyr.

Ýuwaş-ýuwaşdan kaudilizm jemgyýetçilik durmuşyň deemokratik formalarynyň ösmegini bökdäpdir we syýasy durnuksyzlygy döredipdir.

Kaudilizm fenomeni Latyn Amerikada garaşsyzlyk ugrundaky söweşden galan goşunlaryň ýeňillikleri bilen berk baglydyr.

Garaşsyzlyk alnandan soň birnäçe generallar we ofisserler özleriniň harby ýagdaýlaryna (ambopumen) bil baglap, şeýle hem ýer oligardiýasynyň we buthananyň goldamaklaryna daýanyp, öz ýurtlarynda harby diktaturalary belleýärler.

XIX asyrda latyn amerika respublikalarynyň konstitusion taryhyna reaksion güýçleriň bähbitlerini berkidýän hökmünde garamaly däldir. Munda jemgyýetiň etnik we synpy ösüşiniň çylşyrymlylygy, bitewi milli döwletliligiň emele gelmeginiň garşylyklary, diktator režimlerine garşy zähmetkeşleriň göreşi öz beýanyny tapandyr.

## §2.Latyn Amerika ýurtlarynyň ilkinji konstitusiýalary

XIX asyrda Latyn Amerikada we uzak wagtlap hereket eden konstitusiýalara 1853-nji ýyldaky **Argentinanyň** we 1857-nji ýyldaky **Meksikanyň** konstitusiýalary degişlidir.

1853-nji ýyldaky **Argentinanyň konstitusiýasy** 1852-nji ýylda Latyn Amerikadaky iň zabun diktator H.Rosanyň (20 ýyl bolupdyr) ýykylagy bilen kabul edilipdir.

Konstitusiýanyň awtorlary XVIII asyryň aýagyndaky demirgazyk amerikan federalistleriniň, şeýle hem öňdebaryjy argentin syýasy akyldarlar H.B.Alberdiniň (“Esaslar” (“Основа”)) ideýalaryny ulanypdyrlar.

Konstitusiýanyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Argentina “dolandyryşyň federatiw respublikan wekilçilik formasydyr”.

Federal hökümet kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerinden ybaratdyr. Kanunçykaryjy edara 2 palataly kongressden (wekiller palatasy we senat) durýar. Ýerine ýetiriji häkimiýet prezidente berilýär, ol 2 derejeli saýlawlardan 6 ýyl möhlete saýlanylýar.

Federal kazyýetleriň ulgamyna Ýokary Kazyýet baştutanlyk edipdir.

Konstitusiýanyň 109-njy maddalary prowinsiýalaryň arasyndaky uruş we hereketlerini gadagan edipdir. Prowinsiýalaryň arasyndaky ähli çaknyşyklar Ýokary Kazyýet tarapyndan garalypdyr.

Konstitusiýanyň preambulasynda milli soýuzy döretmek, adalatlylygy berkitmek, ýurduň içinde parahatçylygy pugtalandyrmak, hemmelere goragy üpjün etmek, umumy gülläp ösüşe ýardam etmek we beýlekiler barada aýdylýar[1].

1857-nji ýyldaky **Meksikanyň Konstitusiýasy** gulçulygy we peonažy gadagan edipdir.

Kotolik buthananyň we goşunyň birnäçe ýeňilliklerini (fueros) ýatyrypdyr, buthanalaýyn ýer eýeçiligini çäklendiripdir. Munda latyn amerikan konstitusionalizmine mahsus bolan syýasy hukuklaryň we azatlyklaryň sanawy, şeýle hem şahsyýetiň eldegrilmesizliginiň kepillikleri berlipdir.

Şeýle-de bolsa, 60-njy ýyllaryň ahyryndan başlap rewolýusion güýçler gowşap başlaýar, bu bolsa ýene-de konserwatiw-pomeşşikleriň toparynyň berkemegine getirdi we 1876-njy ýylda XIX asyr latynamerikan döwletleriniň taryhynda iň ganly diktaturanyň (P.Diasyň) dikeldilmegine ýardam etdi.

**Braziliýanyň 1891-nji ýyldaky konstitusiýasy.** Braziliýada XIX asyryň ahyrynda (1888ý) gulçulyk ýatyrylýar. Respublika ugrunda göreş netijesinde monarhiýa gurluşy 1889-njy ýylda agdaryldy. 1891-nji ýyldaky Braziliýanyň konstitusiýasynyň kabul edilmegi çylşyrymly syýasy ýagdaýda bolup geçdi. Konstitusiýa

---

[1] История государства и права зарубежных стран ( учебник, в двух частях ). М.2001. С. 181.

seperatistleriň we unitaristleriň garşylygyna göz öňüne tutmak bilen Braziýada federal gurluşy berkitdi.

Federal edaralaryň daşary gatnaşyklary alyp barmaga goşuny we floty saklamaga importa, poşlinalary bellemäge. ... hukuklary bolupdyr. Her ştatyň hem öz konstitusiýasy bolupdyr.

Konstitusiýa boýunça federal häkimiýetlerine ştatyň işlerine gatyşmak gadagan edilipdir.

1891-nji ýylyň konstitusiýasy Braziliýanyň taryhynda wajyp eýýam bolup, kapitalizmiň çalt ösmegini we raýat jemgyýetiniň emele gelmegine ýardam edipdir.

**Edebiýat:**


1. „Всеобщая история : В 3 т. Т.1“. СПб.1992

2. Графский В.Г. „Всеобщая история права и государства “ (учебник). М.2002

3. История государства и права зарубежных стран ( учебник, в двух частях ).М.2001

4. Черниловский З.М. „Всеобщая история государства и права“.М.2002

# MAZMUNY

Giriş ……………………………………………………..9

Daşary ýurtlaryň döwletiniň we
hukugynyň taryhynyň predmeti we usuly...……………..10

Gadymy Gündogar ýurtlarynyň döwleti we hukugy.
Gadymy Müsür……………………………………….15

Gadymy Mesopatamiýa döwleti……….……………….21

Gadymy Hindistan……………………….…………….25

Gadymy Hytaý…………………………..……………..29

Gadymy dünýäniň döwleti we hukugy.
Gadymy Gresiýa.........................................................33

Gadymy Rim döwleti…......................…………………38

Rim hukugynyň aýratynlyklary………………………43

Orta asyrlarda hukugyň we döwletiň ösüşi…...............48

Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň hukugy……………...54

Orta tasyrlarda Gündogaryň ýurtlarynda döwlet
we hukuk.......................................................................58

Täze döwrüň döwletiniň taryhy. Angliýa…………….65

Amerikanyň Birleşen Ştatlary……..................................70

Fransiýa.............................…………………………74

Germaniýa..............................................................79

Latyn Amerika.......................................................83